**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI**

**Jennet Jumalyýewa, Maýa Alimowa**

# ŽURNALİSTİKANYŇ SOSİOLOGİÝASY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*

*tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat – 2010**

**Jumalyýewa J., Alimowa M.** Žurnalistikanyň sosiologiýasy. Ýokary okuw mekdepleriniň žurnalistika hünärinde okaýan talyplar üçin okuw kitaby. – Aşgabat, 2010.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ýurdumyzda ylym pudagynda uly ösüşler gazanyldy. Hormatly Prezidentimiz **“Ösen ýurtda ylym esasy orny eýeleýär”** diýmek bilen ylmyň täze gazananlaryna, açyşlaryna uly badalga berdi. Yurtda ýaş alymlaryň döremegine uly yol açdy. Şu babatda biziň türkmen alymlarymyzyň hem, gysga wagtyň dowamynda bitiren işleri bellemäge mynasypdyr.

Biziň öwrenýän dersimiz “Žurnalistikanyň sosiologiýasy” dersi beýleki jemgyýetçilik ylymlary bilen berk baglanyşylly bolup žurnalistikada dürli barlaglary geçirmegi öwrenýär. Statistiki maglumartlar sosiologiki barlaglar we ş.m bilen bilelikde dürli pudaklaryň ösüş we ş.m derejelerini barlap anyk netijä gelmegi, öwrenmegi, özleşdirýär. Dürli pudaklarda ylmy-barlaglaryň, aýratyn hem sosiologik barlaglaryň ähmiýeti uludyr. Şu nukdaý nazardan geljekki ýaş žurnalistleriň sosiologik barlag geçirmegi öwrenmekleri biziň işimiziň netijeliligini ýokarlandyrýar.

**“Bilimsiz öý – otsuz ojak ýalydyr.**

**Ylym, bilim, edebiýat, sungat,**
**medeniýatbolsa adamzadyň**
**bahasyny ölçäp**
**bolmajak baýlyklardyr.**
**Olaryň hemmesi adamlary biri-birine**
**ýakynlaşdyrýan, biri-birine**
**mähriban edýän, dost dogan edýän,**
**nesillerde iň gowy häsiýetleri döredýän,**
**iň ajaýýp duýgylary oýarýan güýçlerdir.**
**Hut şonuň üçin hem, biz**
**olary ösdürmäge uly üns berýäris”**

Bu howaýy sözler däl. Bu sözleriň manysy köre hasa. Bu sözler ýurduň ykdysadyýetini galdyrmakda, oba hojalygyny ösdürmekde ylym, bilim, edebiýat, sungat, medeniýet ýaly güýçleri doly manysynda işe girizmekde ýol görkeziji täze üstünliklere badalga beriji çelgi.

Hormatly Prezidentimiziň **“Bilimsiz öý – otsuz ojak ýalydyr”** diýip aýtmagy ýöne ýerden däl. Ol biziň öýmüzi - türkem ülkesini aňly –düşünjeli çuňňur

dünýägaraýyşly, ylymly bilimli, medeniýetli adamlaryň ýurduna öwrüp, adamlaryň biri-birine ýakyn, mähriban, dost –dogan gatnaşyklaryny berkitmek adamlaryň hal ýagdaýyny, maddy üpçinçiligini gowlandyrmak, bolelin ýaşamagyny üpjün etmek üçin döwlet ähmiýetli çäreleriň durmuşa geçirilip başlanmagy aýdylan sözleriň durmuş hakykatyndan daş düşmeýändiginden aýdyň subutnamadyr.

Hormatly prezidentimiz ýurdumuzyň döredijilik işgärleri bilen bolan duşuşykda häzirki wagtda özbaşdak döwletiň berkarar bolmak tapgyryndan geçendigini belläp, indiden beýläk ony berkitmek we ösdürmek üçin häzirki döwrüň reallyklaryna we talaplaryna esaslanýan düýbünden täze ideýalogiýanyň gerekdigini öňe sürdi. Ol zähmetkeş halkyň durmuş, ýaşaýýş ýagdaýyny mundan beýläk has-da gowlandyrmaga, bazar ykdysadyýetine geçmäge ähli tagallalary birleşdirmäge ünsi çekdi. Halkyň milli bähbitlerini ileri tutup işlemelidigini adalatly belledi.

Häzirki Täze Galkynyş eýýämynda bu wezipede döwrüň esasy meselesine öwrüldi. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň döredijilik inteligentsiýasynyň wekilleri

bilen bolan duşuşygynda ýaşlary watansöýüjilik ruhunda terbiýelemek işini has-da güýçlendirmelidigini bellemek bilen, bu meselede ýokary okuw mekdepleriniň alyp barýan işleriniň ýokarlandyrmagy barada durup geçdi. Şonuň bilen baglylykda, Hormatly Prezidentimiz ýokary okuw mekdeplerinde häziriki zaman türkmen jemgiýetiniň ösüşine bagyşlanan täze sapak girizmek barada pikir aýtdy. Munuň, öži örän wajyp gozgalan meseledir. Sebäbi, Täze Galkynyş eýýamynda ýaşlaryň giň düşüňjeli çuňňur dünýägaraýýşly ýokary ahlakly bolmagy zerurdyr. Munuň üçin bolsa, olar dünýädäki we ýurdumuzyň çäginde bolup geýän wakalardan, aýratyn hem Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan döwlet ähmiýetli işlerinden kabul edýän resminamalaryndan habarly bolmalydyrlar. Şeýle hem olar ýurtda geçirilýän çäreleriň ähmiýetli aýratynlyklaryna doly we dogry düşünip, durmuşa geçirilmegine goşant goşmaga taýýar bolmalydyrlar we oňa işjeň gatnaşmalydyrlar. Olar hormatly Prezidentimiziň **“Döwlet adam üçündir”** diýen täze şygaryndan gelip çykýan wezipelere mynasyp işleri durmuşa geçirmelidirler.

Hormatly Prezidentimiz bu işleri ýerine ýetirmekde esasy wezipäniň köpçilikleýin habar beriş serişdeleriniň işgärleriniň paýyna düşýändigini adalatly belledi. Ol teleradio ýaýlymlarynyň we gazet žurnallaryň işgärlerine işde goýberýän kemçilikleri barada dogry bellikler etdi. Şu nukdaý nazardan seredenimizde, onuň şu 2007-2008-nji okuw ýylynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň žurnalistika hünärini açmagyda bellenmäge mynasyp wakalaryň biridir. Mundan başga-da asperanturanyň we doktaranturanyň açylmagy türkem ylmyny ösdürmek üçin ähmiýet aýgytly ädimdir. Türkmenistanda ýaş alymlaryň ylmy işleri bilen meşgullanmaklary üçin düýpli itergi berjekdigi ikuçsyzdyr. Şu ýerde türkmen halkynyň akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň atasy Döwletmämmet Azadynyň ylmy asmandaky güne meňzedip onuň adamyň kalbyny we durmuşyny güneş ýaly ýagtaldýandygyny aýdyp geçendigini ýatladasym gelýär. Magtymguly Pragy bolsa:

Alymlara uýsaň açylar gözüň,

Jahyllara uýsaň kör dek bolar sen! –

diýmek bilen, ylmy adam durmuşyndaky iň bir möhümzerurlyk hasaplapdyr.

Yurtda ylym bilimiň ösdürilmegi jemgiýetde millilige esaslanýan täze milli garaýyşlaryň kemala gelip, durmuşa ornaşdyrylyp başlanmagy halkyň gelejegini has-da uly ösüşlere, uly açyşlara, täze-täze başlangyçlara rowaçlandyrar. Türkmen ýaşlaryna bolsa, diňe okamaga, öwrenmäge däl, eýsem döretmäge we ylmyň gazananlaryny durmuşa ornaşdyrmagada uly mümkinçilikler dörär.

Şu nukdaý nazardan seredenimizde ýurt Baştutanymyzyň ösüşiň täze tapgyryna geçmek üçin häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän täze ideologiýanyň zerurlygyny öňe sürmäge örän ýerliklidir. Bu döwrebap idealogiýa türkmen ýaşlarynyň öz geljeklerini aýgytly kesgitlemeklerine, şol maksada ýetmekde okgunly, dogryçyl hereket etmeklerine il günümize ýurdumyza wepaly watansöýüji ýaşlar bolup ýetişmeklerine ýardam eder.

Taze galkynyş täze özgertmeler eýýamynda ýurdumuzyň we halkymyzyň öňüňde goýulan gaýra goýulmasyz meseleleri çözmekde, halkyň ýaşaýyş derejesini has-da gowlandyrmakda aýdyň ähmiýetiň boljakdygyny her birimize mälimdir. Şonuň üçin hem

hormatly Prezidentimiziň **“Döwlet adam üçündir”** diýen şygaryndan ugur alyp zähmet çekmek diňe bir türkmen ýaşlarynyň däl, eýsem ol her bir türkmen raýatynyň hem jana-jan borjudyr.

## Sapak we kursuň ähmiýeti.

Sosiologiýany öwrenmek galamgäre näme üçin gerek? Sosiologiýany öwrenmek üçin örän möhüm bolan sebäpler köpdür.

Birinjiden, sosiologiýa jemgyýetde bolup geçýän ýagdaýlara düşünmek üçin, sosiumyň we onuň dürli toparlarynyň ösüşiniň çylşyrymlylygyna we depginligine düşünmek üçin ajaýyp, usuly binýat berýär, jemgyýetiň gurluşyna, halkyň, aýry-aýry toparlarynyň we jemgyýetçilikleriň isleglerine we bähbitlerine düşünmäne kömek edýär. Bu bilim galamgäre gelejekde durmuş meselelerine, adamlaryň hüý-häsiýetlerine, durmuşy meselelere we ýagdaýlara, syýasy güýçleri ýerli-ýerinde

goýmaklykda gowy düşünmeklige kömek eder, şoňa görä-de, onuň işini has hem kämilleşdirer.

Ikinjiden, sosiologiýa gözlegleriniň tapgyrlaryny we onuň bilen iş salyşmaklygy öwrenmek bilimi seljeriş, gözleg işleri üçin hem zerur bolup durýär.

Üçünjiden, sosiologiýa usullaryny öwrenmeklik, galamgärlik işi boýunça maglumatlary toplamakda gowy hyzmatlar görkezip biler.

Dördünjiden, sosiologiýa gözlegleriniň häsiýetli tapgyrlaryny bilmeklik, galamgäre uly bolmadyk, bir ýere jemlenen barlaglary geçirmekde öz, hususy maglumatlaryny taýýarlamak üçin gerek bolup durýar.

Bäşinjiden, galamgäre sosiologiýa barlaglaryny geçirmekligiň esasy aýratynlyklaryny bilmek, ony geçirmekligiň maksatnamasynyň gurluşy bilen tanyş bolmak, anketalaryň we beýleki barlag resminamalarynyň gurluş hüçjetlerini bilmek peýdalydyr. Bu zatlar oňa sosiologiýa merkezlerine barlag buýran mahaly özüni işi bilýän adam hökmünde görkezmäne we şolar ýaly işleriň netijesine baha bermeklige, hünärmen däl, işi bilmeýän we işi ak ýürekden ýerine ýetirmekligi başarmaýan mediametrik firmalardan gaça durmaklyga kömek eder.

Altynjydan, auditoriýanyň özüni maglumat taýdan alyp barşynyň düzümi islegi we bähbitleri, äheňleri baradaky maglumaty edinmeklik örän möhümdir.

Ýedinjiden, işiň göz öňüne tutýan maksatlary üçin, redaksiýanyň žanr-stilistiki aýratynlygy bilen bagly funksional, manyly işi baradaky sosiologiki maglumatlar bilen, maglumatlaryň aýry-aýry serişdeleriniň we kysymlarynyň aýratynlyklary bilen, şeýle-de KHS-niň mazmuny bilen tanyş bolmalydyr. Bu zatlar galamgärçilik sungatynyň we galamgäriň jemgyýetdäki ornuny hem-de öňünde durýan meselelerini has gowy duýmana, häzirki, çylşyrymly döwürde öz ornuny takyk kesgitlemäne, öz işiniň we hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmaklygyň usullarynyň ugurlaryny bellemeklige ýardam eder.

Şu kurs sosiologiýanyň umumy kursunyň dowamy bolup durýar we onuň bir şahasy bolan galamgärçilik sosiologiýasyny öwrenmekligi, talyplaryň galamgäriň we redaksiýanyň işinde ulanylýan ylym hem-de usulyýet babatdaky bilimlerini çuňlaşdyrmaklygy göz öňüne tutýar.

Kurs boýunça geçilýän ylmy we amaly sapaklar öz öňünde talyplary taryh, ylmy nazar we galamgärçilik babatdaky sosiologiýa barlaglarynyň usullary bilen

tanyşdyrmaklygy, mümkin boldugyça gelejekki galamgärleriň aňynda sosial hadysalaryň öwrenilişine sosiologiýa taýdan çemeleşmekligi oýarmaklygy, galamgärçilik babatdaky sosiologiýa barlaglarynyň netijeleri bilen tanyşdyrmaklygy we olaryň hünärmençilik işinde peýdaly bolan empirik barlaglaryň esasy usullaryny amaly taýdan özleşdirmeklerine ýardam etmekligi, olara sosiologiýa maglumatlary ulanmaklygy öwretmekligi göz öňüne tutýar.

Amaly sapak maksatnamanyň taslamasynyň, anketanyň ýa-da galamgärçilik ýazgysynyň kontent-seljerişi üçin koduň düzülmegini, bir ýere jemlendirilen görnüşdäki okuw anketalaşdyrylyşyny ýa-da interwýusyny (ýüzbe-ýüz ýa-da telefon arkaly) geçirmekligi, geçirilen barlag boýunça, (galamgäriň çapdan çykan ýazgysy görnüşinde bolup biler) gözegçiligi we gysgaça hasabat bilen kontnet-seljerilişini göz öňüne tutýar.

## Galamgärçilik sosiologiýasy – sosiologiýanyň bir şahasydyr.

## Sosiologiýa sapagy

Galamgärçilik sosiologiýasy barada söz açmazdan ozal, sosiologiýa näme, diýen soraga jogap bermegimiz gerek. Bu düşünje bilen siz sosilogiýanyň umumy kusunda tanyş bolduňyz, ýöne siziň kursuňyz babatda ony takyklamak gerek.

Sosiologiýanyň ýa-da "pozitiw filosofiýanyň" atasy, fransuz sosiologiýasyny öwrenijisi Ogýust Kont (1798 – 1857) özüniň "Položitel filosofiýa kursy" atly esasy işinde jemgyýetçilik hadysalarynyň çen-çak bilen däl-de, bilim arkaly, ýagny, gözegçilik edilen tejribeler arkaly öwrenmeklige çagyrýar.

Nämüçin Kont pozitiw bilimi öňe sürüpdir? Ol **pikiri, ideýany, bilimi ösdürmekligiň üç basgançagy bar** diýip hasap edipdir:

—teologiki ýagdaý, munda adatdan daşary duýgy häkimlik edýär, ony subut edip bolmaýar, olary ylmy taýdan öwrenip bolmaýar.

—metafiziki ýagdaý, munda, bilimde adaty bolmadyk, abstrakt, diňe aňlap bolýan ideýalar agdyklyk edýär.

—pozitiw ýagdaý, bu, aňdan ýokardaky ylmy, obýektiw ýagdaýdyr, munda bolup geçip duran zada takyk baha berip bolýar. Şunda esasy ähmiýet deňeşdirme – taryhy ylmy usula berilýär.

Şu çaka çenli ulanylyp ýörlen, jemgyýetiň ösüşini we gurluşyny beýan etmek üçin ulanylýan iki adalga hem şoňa degişlidir. Olar: **sosial statika** – bu, jemgyýet anatomiýasy, jemgyýetçilik tertibiniň ylmy nukdaý nazary, jemgyýetiň iň gowy guramaçyklandyrylyşy, sosial sazlaşygy gazanmak we konsensusydyr. Ol jemgyýete diri beden hökmünde garapdyr we döwleti, maşgalany, dini – statikanyň elementleri hasaplapdyr; **sosial depgin -** bu jemgyýetdäki ösüşiň pozitiw ylmy nukdaý nazarydyr.

Kontyň döwründen başlap sosiogiýany jemgyýeti öwrenýän syýasat, ykdysadyýet, hukukyýet ýaly beýleki ylymlardan aýrybaşgalaşdyrmana we onuň häsiýetli taraplaryny kesgitlemeklige synanyşypdyrlar. Ilkinji rus sosiologlarynyň biri N.I.Kareew özüniň “Sosiologiýany öwrenmeklige giriş” atly kitabynda (SP 6.,1907), Kontuň ideýalaryny we sosiologiýanyň ylym hökmünde aýaga

galyş döwrüni seljermek bilen, sosiologiýanyň özüni dar görnüşdäki syýasy, ykdysady ýa-da hukukyýet ugurlary däl-de, **öz durmuşynyň ähli taraplary bilen bilelikde, jemgyýet bolup durýandyr,** diýip ýazdy: “Gürrüň bu ýerde döwletden, hukukdan we halk hojalygyndan başga, jemgyýetçilik durmuşynda biziň şu üç uguryň hiç birine hem degişli edip bolmajak hadysalary hem görýändigimiz barada barýar. Bu hadysalar jemgyýetiň ruhy medenýetidir, dilidir, ahlagy we däp-dessurlarydyr, jemgyýetiň dini ynanjydyr, onuň dünýägaraýşydyr, edebiýatydyr, sungatydyr”. Şonuň üçinem, onuň özeni jemgyýetçilik durmuşynyň aýry-aýry taraplary däl-de, onuň umumy esaslary bolmalydyr we “sosiologiýa jemgyýetiň umumy ylmy nukdaý nazary, ýagny, jemgyýetçilik durmuşyny dolandyryjy kanunlaryň ylmy taýdan öwrenilişi bolmalydyr”.*

Ýöne, täze ylmyň üstünde başga bir howp abandy. Bu barada N.I.Kareew şeýle ýazdy:

“Sosiologiýanyň, metafizikadan assa-ýuwaş erkinleşmegini jemgyýetçilik hadysalary öwrenilen wagtynda her bir pelsepe otarmaklykdan ýüz öwürmekdir diýlip düşündirilmeli däldir. Sosiologlaryň arasynda şeýle adamlar az däl, olar şu babatda her hili aňlamalara ägirt

uly ynamsyzlyk bilen garaýarlar we häzirki zamanda sosiologiýanyň öňünde durýan ähli mesele dürli derejedäki hakyky serişdeleri deňeşdirme – taryhy induksiýanyň kömegi arkaly işläp düzmekidir öýdýärler. Olaryň käbirleri hatda jemgyýetçilik hadysalarynyň ähli dünýäsi diňe görkezilen görnüşde beýan edilende sosiologiýa ylmyny döredip bolar, diýip tassyklaýarlar. Olar ylymlar äleminiň ähli pudaklarynda, faktlary ylmy taýdan öwrenmeklik bilen bir hatarda ylmy esaslaryň gurluşynyň bolup geçýändigini ýatdan çykarýarlar”.**

Şeýlelikde, sosiologiýanyň dörän pursatyndan başlap, bu ylmyň häsiýeti, onuň özeni we usuly barada jedeller başlandy. Sosiologiýada dürli agtaryşlar, dürli kesgitlemeler bilen dürli ugurlar (paradigmler) ýüze çykdy.

Sosiologiýanyň okuw kitabynda şolar ýaly dürli çemeleşmeleriň umumylaşdyrylan häsiýetnamasy berilýär: “ýagny, E.Dýurkgeýmiň düşünşine görä, sosiologiýa – adama mejbury suratda täsir edýän durmuşy faktorlary öwretýän ylym. **M.Weber** üçin sosiologiýanyň özeni adamlaryň hereketleriniň subýektiw nukdaý nazardan ölçerilip – dökülişi we sosial taýdan özüni alyp barýan kysmylyklaryň saýhallandyrylyşy.

**P.Sorokin** boýunça, sosiologiýa bir tarapdan, adamlaryň biri-birleri bilen bolan özara gatnaşyklaryna degişli hadysalary, ikinji tarapdan bolsa, şol özara gatnaşykdan gelip çykýan hadysalary öwrenýär. Fenomenologlar sosiologiýany adamlar tarapyndan durmuşy hakykatlaryň aragatnaşyklar arkaly konstruirlendirilmegini öwredýän ylym hökmünde kesgitleýärler.

Rus – amerikan alymy P.A.Sorokiniň (1889-1968) sosiologiýany seljerişiniň üstünde has jikme-jik durup geçmek gerek, çünki, ol gurluş we interipretiw paradigmleri birleşdirmek we intergral sosiologiýany esaslandyryjy bolmak bilen sosiologiýanyň gurluşyny ylym hökmünde işläp düzdi we çemeleşmeleriň çäklerini golaýlaşdyrdy. 1919-njy ýylda, Petrograd iniwersitetinde, Orsyýetde ilkinji bolup sosiologiýa fakultetini döretdi. ABŞ-yn Garward iniwersitetinde sapak berdi, ol ýerde

*N.I.Kareew. Sosiologiýany öwrenmeklige giriş. – SPb., 1907//Orsyýediň XIX-XX as. başl.sosiologiýasy. – M.,1997. -1 goýberiliş. 9-11sah.

** Şol ýerde. – 47 sah.

hem sosiologiýa fakultetini döretdi we 12 ýyllap şol fakultetiň dekany boldy. T.Parsons hem-de R.Merfon dagylar onuň okuwçylary boldular, DŽ.Kennedi bolsa onuň diňleýjisi boldy.

Sorokiniň pikiri boýunça, sosiologiýa gözegçilik edip bolýan we "daşky durmuşa" eýelik edibilýän häsiýetli durmuşy hadysalary öwrenýär. ***Sosilogiýa** – bu özüne kybapdaşlaryň arasynda ýaşaýan adamlary öwredýän ylymdyr. Şu manyda alanyňda ol reflektor kysmyndaky psihofiziologiki mehanizmlere esaslanýan laksiýa-reaksiýa "özüňi sosial taýdan alyp barmak" nazaryýeti hökmünde öňe çykýar.*

Sokorin **nazary sosiologiýanyň esasy üç bölümini aýratyn belleýär:**

**—sosial seljeriş** (sosial anatomiýa we morfologiýa);

**—sosial mehanika** (durmuşy hereketleri öwredýär);

**—durmuşy genetika** (jemgyýetçilik durmuşynyň ewolýusion nazaryýeti).

Birneme soňrak ol sosiologiýanyň gurluşyny giňeldýär we şu aşakdaky goşundylary aýratyn belleýär:

**Jemgyýet barada umumy okuw:**

—jemgyýeti kesgitlemek.

—özara gatnaşyklary seljermek.

—esasy durmuşy kanunlary tasa getirmek.

—sosiologiýanyň we häzirkizaman sosiologiki ylmynyň taryhy.

**Durmuşy mehanika.**

—durmuşy hadysalaryň kanunalaýyklygyny ylmy taýdan barlamak.

—jemgyýetiň statistiki kanunlaryny tasa getirmek.

**Durmuşy genetika:**

Jemgyýetiň we onuň institutlarynyň:hojalygyň, diliň, maşgalanyň, diniň, hukugyň, sungatyň gelip çykyşy we ösüşi baradaky ylym.

**Durmuşy syýasat – amaly:**

—şolary ulanmak arkaly jemgyýetiň we adamyň ýaşaýşyny gowlandyryp boljak serişdeleri, ýagny, hekimçilik ýa-da bagt hakynda ylym.

**Umumy sosiologiýa** – durmuşy we medeni hadysalaryň häsiýetleri, gatnaşyklary we kanunalaýyklygy.

**Ýörite sosiologiýa** – durmuşy we medeni hadysalaryň gurluşy we depgini baradaky nazary ylym.

Wagtyň geçmegi bilen, sosiologiýa nazaryýetini barha hem-de barha san görkezijileriniň esasynda bolup biläýjek çemeleşmeleri ulanmak arkaly emprik gözlegler bilen baglanyşdyryp başladylar. Şu günki gün sosiologlar sosiologiýanyň predmeti we usulyýeti barada azda-kände ylalaşyga geldiler, şeýle-de bolsa bu ylmyň kesgitlenişi öňküsi ýaly dürli alymlarda dürlüçe duş gelýär.

**"Sosiologiýa"** sözi *sosiologiýe* diýen fransuz sözünden bolup, öz gezeginde o-da baryp *sisieties* diýen latyn sözüne aýak direýär we "jemgyýet, umumy, umumylaşmak, arabaglanyşmak, şereket, birleşme, kompaniýa" diýen manyny aňladýar.

Şu ylmyň **häzirkizaman kesgitlemelerinden** birnäçesini mysal getireliň.

Sosiologiýa - tutuş jemgyýetiň, durmuşy gatnaşyklarynyň we durmuşy umumlyklarynyň emele gelşiniň, herekete getirilişiniň, ösüşiniň kanunalaýyklygy baradaky ylym (Sosiologiki sözlük).

Sosiologiýa (Kontuň girizen manysynda) —jemgyýeti ylmy taýdan we has kesgitli, pozitiw öwrenmekdir. Häzirkizaman has giň kesgitlemesi – adamzat jemgyýetiniň ösüşini we kysymlaryny, herekete

getirilişini, guramaçylyklaşdyrylyşyny yzygiderli öwrenmekdir (Kollinziň uly sosiologiki sözlügi).

Sosiologiýa – empriki tassyklanan maglumatlara daýanmak arkaly, adamlaryň, herekete getirilişini,jemgyýetiň, onuň institutlarynyň, guramalarynyň takyk bir durmuşy we medeni kontekstdäki iş hereketlerini, jemgyýetçilik aňynyň gapma-garşylykly ösüşini, özüňi alyp barmaklygyň tötänleýin ýa-da däldigini öwrenýän ylymdyr. (Sosiologiki okuw sözlügi).

Sosiologiýa – umumy we häsiýetli durmuşy kanunalaýyklyklar baradaky jemgyýeti guramaçylyklaşdyrmak, herekete getirmek we ösdürmek baradaky, adamlaryň, olaryň toparlarynyň we umumy jemgyýetiň hereketlerini we özara gatnaşyklaryny durmuşa geçirmekligiň ýollary, görnüşleri we usullary baradaky ylymdyr. (Sosiologiýa E.W.Tadewosýanyň red.b-n. – M.,1995).

Sosiologiýa – bu, jemgyýetiň gurluşyny, onuň elementlerini we ýaşaýyş şertlerini, şeýle hem şol gurluşyň içinden akyp geçýän durmuşy wakalary öwrenýän ylymdyr. (S.S.Frolow. sosiologiýa. – M., 1996).

Sosiologiýa – bu emele gelmeler, ösüşler, üýtgeýişler we täzeden döreýişler baradaky, durmuşy toparlaryň herekete getirilişiniň we olaryň öz-özlerini guramaçylyklaşdyryşlarynyň görnüşleri: durmuşy ulgamlar, durmuşy gurluşlar we institutlar baradaky ylymdyr. Bu, durmuşy subýektiň işjeňligi zerarly ýüze çykýan durmuşy üýtgeşmeler baradaky ylymdyr: köpdürli durmuşy toparlaryň, şahsyýetiň we jemgyýetiň arasyndaky aragatnaşyk mehanizmi hökmündäki durmuşy gatnaşyklar baradaky ylymdyr; durmuşy hereketleriň we köpçülikleýin öňüni alyp barmaklygyň kanunalaýyklygy baradaky ylymdyr (W.A.Ýadow. sosiologiki gözlegleriň strategiýasy – M., 2001).

Sosiologiýa – bu durmuşy institutlaryň, guramalaryň, gurluşlaryň we ulgamlaryň çäklerindäki durmuşy toparlaryň emele gelişi, aýaga galyşy, depgini we özara gatnaşyklary baradaky ylymdyr; bu, adamlaryň aň arkaly edýän durmuşy hereketleri, olaryň durmuşy wakalarda özlerini alyp barşy baradaky ylymdyr; bu, şahsy adamlaryň, durmuşy toparlaryň we jemgyýetiň arasyndaky aragatnaşyklar baradaky ylymdyr; bu, tutuş ulgam hökmündäki häzirkizaman jemgyýeti, onuň däp-dessurlary herekete getirilişi we üýtgeýşi baradaky

ylymdyr (G.Ýe.Ibrowskiý., Ýe.A.Şuklina. amaly sosiologiýa – Ýekaterenburg. 2002).

Egerde, şu ýokarda agzalyp geçilenlerden haýsam bolsa birini saýlap almaly bolsa, onda gözlegleriň esasy predmeti – statika we dinamika bolup durýar.

**Statika**

Jemgyýetiň durmuşy gurluşy (tutuş ulgam hökmündäki jemgyýet durmuşy institutlar, gurluşlar, durmuşy bileleşikler we toparlar olaryň gurluşy we morfologiýasy).

Guramaçylyk we öz-özüňi guramaçylyklaşdyrmak.

Durmuşy hereketler, olary durmuşa geçirmekligiň usullary.

Özara gatnaşyk, özara hereket, özara arabaglanyşyk.

Jemgyýetçilik aňy, äheňleri, pikirleri, bahalary we ş.m.

Kanunalaýyklyklar (umumy we häsiýetli).

Durmuşda bolup geçýän wakalar we ýagdaýlar.

Medeni we durmuşy kontekst, ýaşamaklygyň şertleri.

**Dinamika**

Aýaga galmak.

Herekete getirmek.

Ösüş, ýagny, wagtyň çägindäki özgerişler.

Ylmy gözleg usullary, esasanam empriki sosiologiýa gürrüň edilende uly ähmiýete eýedir. Gürrüň sosiologiki usullaryň şu aşakdaky aýratynlyklary barada barýar:

—ylmy obýektiw;

—dogruçyl çemeleşmek, statistiki mukdar üýtgetmelerini ulanmaklyk;

—Reprezentatiw seçim esasynda köp mukdardaky obýektleri ýeterlik derejede öwrenmek.

Şeýlelikde, biz sosiologiýa dersi we şol dersi öwrenmekligiň usullary barada gürrüň edip bileris. Şeýle hem biziň sosiologiýany kesgitlemek babatdaky öňümizde duran meselä galamgärler üçin okuw gollanmasynda berlen şu ýazgy jogap bolup biler: **adama durmuşy toparlaryň wekili hökmünde garamak, onuň durmuşy – kysmy taraplaryny ýüze çykarmak, dogruçyl statistiki mukdar usullarynyň esasynda netijeler çykarmak, birnäçe ýeketäk ölçeg ýollary arkaly umumylaşdyrylan durmuşy faktlary almak, obýektleriň köpgyraňly häsiýetlerini açyp görkezmek bilen, jemgyýeti we durmuşy toparlary, durmuşda**

**bolup geçýän wakalary we gatnaşyklary, durmuşy ýagdaýlary ugrukdyrmak baradaky ylym.** (galamgärçilik we sosiologiýa. Okuw gollanmasy/ I.D.Fomiçewanyň redaksiýasy bilen – M., 1995).

**Sosiologiýanyň we galamgärçiligiň gurluşy.**

Umumy sosiologiýa boýunça alan bilimimizi işjeňleşdirmek arkaly biz, indi, galamgäçilik sosiologiýasynyň ders hökmündäki häsiýetini takyk kesgitläp bileris.

Öňi bilen galamgäçiligiň *pudaklaýyn sosiologiýa* degişlidiginden başalaýalyň. Sosilogiýa özüniň öwrenilýän ugurlary boýunça köpsanly ýörite, ýa-da pudaklaýyn sosilogiýa bölünýär: syýasat sosiologiýasy, ykdysadyýet sosiologiýasy, zähmet sosiologiýasy, medenýet sosiologiýasy, hukuk sosiologiýasy, halkara gatnaşyk sosiologiýasy, ýaşlar sosiologiýasy, boş wagt sosiologiýasy, aragatnaşyk sosiologiýasy we ş.m. galamgärçiligiň aragatnaşyk ulgamy bolup durýandygyna görä, hut aragatnaşyk sosiologiýasy. Galamgärçilik pudagynyň sosiologiýasyna golaý bolup görünýär.

**Aragatnaşyk sosiologiýasy,** W.P.Konskiniň kesgitlemesine görä, sosiologiýanyň köp dürli durmuşy toparlarynyň özara gatnaşyklarynyň – pikir we nyrh

maglumatlaryny bermek we almak, şol jemgyýetiň, tutuşlaýyn sosiumyň durmuşy gymmatlyklara bolan gatnaşyklarynyň herekete geliş aýratynlyklaryny öwrenýän pudagydyr. Şahsyýetiň, toparlaryň we köpçülikleýin “aktorlaryň” özara gatnaşyklaryny öwrenmekden başga, ol aragatnaşyklaryň derejesini, aragatnaşyk ulgamlarynyň görnüşlerini, olaryň birliklerini, şeýle-de durmuşy aragatnaşyklaryň durmuşy ähmiýetli kategoriýalaryny we şahsy funksiýalaryny öwrenýär. Şunda aragatnaşygy durmuşy gözlegleriň akymynda sosiologiýa usullary arkaly öwrenmekligi göz öňüne tutýan, aragatnaşygyň durmuşy nukdaý nazaryna has üns berilýän aragatnaşyk sosiologiýasyna we durmuşy aragatnaşyk diýen düşünje tapawutlandyrylýar (**durmuşy aragatnaşyk** – munda, mehanizmi we kanunalaýyklygy köpsanly faktorlar bilen şertlendirlen, - şolaryň arasynda durmuşy faktorlar esasy orny eýeleýär – aragatnaşyk hökmündäki kommunikasiýa has uly üns berilýär).*

Latyn sözi bolan ***communicatio*** aragatnaşyk, gürrüňçilik, gepleşik, söhbetdeşlige çagyryş diýen ýaly manylary aňladýar. ***Communigator*** – gatnaşýan, bile gatnaşýan.

Şu sözüň ikisem – “bir zady köpçülik bolup etmek, gatnaşmak, bölünişmek, habar bermek, bilelikde hereket etmek, birikdirmek, goşmak, goýmak, baglamak, birleşdirmek, gatnaşmak, garyşmak, aragatnaşyk saklamak” manysyny berýän – ***communico*** sözünden gelip çykýar.

Aragatnaşyk sosilogiýasy durmuşy aragatnaşyklary şahsyýetler arasyndaky, şeýle hem köpçülikleýin aragatnaşyk (aragatnaşyk serişdelerini, KHS-iň reklamany, Interneti we ş.m. goşmak bilen) serişdesi hökmünde öwrenýär. Ýöne, biziň dersimiz babatda köpçülikleýin aragatnaşyk sosiologiýasy barada aýtmak mantyga has laýyk bolar.

Käte **köpçülikleýin – media** (mass-media) diýen adalga hem ulanylýar. *Mediatio* diýen latyn sözünden gelip çykýan *mediasiýa* - sözi “araçylyk”, *medotor* – “araçy”, *mediate* – “ortasy, özeni” diýen manyny aňladýar. Görşümiz ýaly mediasiýa bilen bagly ähli alamatlar – bu, ortalyk ýagdaý adamlaryň arasyndaky umumy arabaglanyşyga getirýän ähli zatlar, diýmekdir. Z.M.Zemlýanowanyň kesgitlemesi boýunça, kommunikatiwistikedäki “medisiýa” sözi medianyň durmuşy dramalardaky hereket edýän adamlar bilen

edilýän araçylyk missiýasy manysynda ulanylýar, şeýlede maglumatlaryň ýygylýan üstünde işlenilýän we resipiýentlere berilýän wagty hakykaty dürli imijlerde üýtgedip bilýän KHS-iň öz görnüşini üýtgedýän funksiýasyny aňladmak üçin ulanylýar.**

Köpçülikleýin aragatnaşyk sosiologiýasy galamgärçilik sosiologiýasyna has golaý, şeýle-de bolsa, onuň bilen bütünleý gabat gelmeýär, sebäbi, bir tarapdan onuň gerimi has giň (ol köpçülikleýin aragatnaşygyň islendik görnüşini ýeke bir KHS-i
däl- de, reklamalary, *pablik –rileýşnz-i, ýagny,* jemgyýetçilik bilen aragatnaşygy hem özünde jemleýär), ikinji tarapdan has dar, çünki galamgärçilik kommunikatiw funksiýalardan başga-da köp zatlary (maglumat, ş.m.) ýerine ýetirýär.

* W.P. Koneskaýa. Aragatnaşyk kommunikasiýasy. –M., 1997.
**Z.M.Zemlýanowa. maglumatlar jemgyýetiň öň ýanyndaky daşary ýurt kommunikatiwistikasy: Adalgalar we taglymatlar sözlügi. – m., 1999.

**Şeýlelikde, galamgärçilik sosiologiýasy- bu, sosiiologiýanyň KHS-i jemgygyýeti audiatorýalar, neşir ediji, ýolbaşçylyk ediji, maliýeleşdiriji gurluşlar, olaryň düzümleri, işleri we iş şertleri bilen bilelikde-sosiologiýada kabul edilen usullarynyň esasanda özara baglanyşdyryp, ony funksionirlemegiň kanunalaýyklygyny we aýratynlygyny öwrenýän pudagydyr.**

**Galamgärçilik sosiologiýasynyň** wezipesi KHS-ini jemgyýetdäki durmuşy institutlar we audiatoriýalar bilen özara baglanyşykly, ýagdaýyň durmuşy, çalt, operatiw köçilikleýin habar beriş ulgamy hökmünde ugrukdyrmakdan ybaratdyr.

Şeýlelikde sosilogiki usullar bilen galamgärçiligiň şu aşakdaky ölçegleri öwrenilýär. (Galamgärçilik sosiologiýasynyň predmeti).

KHS-i jemgyýetde ulanyjylar (ulgam, gurluş, çaphana we morfologiýa [durmuşy-demografiki häsiýetnama, oriýentasiýa we ş.m.] ) :

- neşir ediji guramalar, durmuşy inistitutlar;
- KMS-i, galamgärler;
- auditoriýalar.

**KHS-i jemgyýetde ulanyjylaryň işleri:**

- islegleri, bähbitleri;
- funksiýalary, maksatlary, äheňleri;
- mazmuny we ugurlary;
- usullary, tärleri;
- netijeleri, täsirleri.

**Maglumat alyş-çalyşygyna gatnaşyjylar bilen özara gatnaşygy**

- hökümetler bilen;
- beýleki durmuşy öwreniji inistitutlar, partiýalar we jemgyýetçylyk hereketleri, raýatlyk jemgyýetiniň düzümüne girýänler bilen;
- zat eýeleri, edarany döredijiler, neşirçiler, ýaýradyjylar, reklama berijiler we hemaýatkärler bilen;
- auditoriýalar we jemgyýetçiligiň pikirleri bilen ;
- galamgärler bilen.

**Durmuşu subýektleri ugrukdyrmaklygyň şertleri.**

- giň düşünje boýunça-bolup geçýän durmuşy-syýasy, ykdysady ruhy, hadysalaryň jemlenen görnüşi we jemgyýetiň ýaşaýyş şertleri;
- dar düşünjeleri boýunça maliýe ýagdaýy, maddy-tehniki işgär üpjümçiligi we ş.m.

**Galamgärçilik sosiologiýasy esasy ýerine ýerilmeli zatlary**

- nazary-bilim;
- ýazmaklyk;
- çak edip bilmeklik;
- amaly-üýtgedip bilijilik;
- dünýä garaýyş, aň-bilim;

Häzirki wagtda galamgärçiligi öwrenýän ylmyň çägi örän giňedi. Galmgärçilik sosiologiýasyndan başga – galamgärçilik taryhy, galamgärçilik psihologiýasy, galamgärçiligiň hukuky esaslary, galamgärçilik ykdysadyýeti, döredijilik isiniň esaslary diýen ýaly we ş.m. ugurlar bar.

Bu şeýle boldy, ýagny, entek galamgärçilik sungaty gözlegler dünýäsine bölünüp getirilmänkä, galamgärçilik fakultetinde ilki " Galamgärçilige giriş" ýa-da "Galamgärçilik nazarýetine giriş", soň "Galamgärçilik esaslary" diýen at bilen umumy nazary kurs okalýardy we okalýar. Bu kursda galamgärçiligiň: jemgyýetde funksionirlemek,galamgärçiligiň jemgyýetçilik tebigaty durmuşy institut hökmünde, galamgärçiligiň funksiýasy, kanunalaýyklygy, prinsipleri, gurluşy diýen ýaly esasy nazary kategoriýalary öwrenilýär.

Egerde umumy sosiologiýany galamgärçilik sosiologiýasyna gönükdirseň, agzalan meseleleriň ählisi şu ylym bilen öwrenilmeli. Ýöne, “Galamgärçilik nazarýetine giriş”(orsyýediň okuw jaýlarynda talyplar häzirem şol boýunça okadylýar) atly binýady okuw kitabynyň awtory Ýe.P.Prohorow tarapyndan işlenip düzülen kurs, belli bir derejede galamgärçiligiň durmuşy tebigatynyň nazary meselelerini açyp görkezýär.

Şonuň üçinem, galamgärçilik sosiologiýasy boýunça kurslarda galamgärçilige nazary taýdan çemeleşmelere durmuşy ulgam hökmünde az üns berildi, bu kada laýykdyr, çünki, bu barada talyplar okuwyň birinji ýylynda, “Galamgärçilik nazaryýetine girişden” bilim alypdylar. Netijede, galamgärçilik fakultetlerinde galamgärçilik sosiologiýasynyň prosedura bölümine maksatnamalaşdyrmakda we sosiologiýa gözlegleriniň usullaryny auditoriýalary, redaksiýalary, KHS-iň mazmunlaryny, galamgärleri, redaksiýalardaky poçtalary we ş.m. öwrenmeklige köp üns bermeklik däp bolup galdy.

Şu okuw kitabynyň galamgärçilik fakultetiniň talyplaryna niýetlenendigine görä, ol galamgärçilik sosiologiýasy bilen bir hatarda okalýan kurslaryň okuw

meýilnamasyny we mazmunyny göz öňüne tutýar we bu ýerde esasy üns galamgärçilik sosiologiýasynyň mukdar nazarlaryna gönükdiriler, şeýle-de bolsa, elbetde, gürrüň nazary çemeleşmeler we KHS-iň jemgyýetde ulanylyşynyň kanunalaýyklyklary barada hem gider.

Köpçülikleýin habar beriş serişdelerini, köpçülikleýin aragatnaşyklary (KA), ylmy taýdan yzarlamaklygyň başynda duranlaryň birnäçesiniň atlaryny agzap geçeliň, ýöne, biz munda olaryň ideýalaryny jikme-jik seljerip oturmarys, çünki, bu esasan köpçülikleýin aragatnaşyklar sosiologiýasynyň pretdmeti bolup durýar. Şeýlede, bolsa, bu ýerde iň bolmanda ýüzleýräk bolsa-da bu meşhur sosiologlaryň, KA* bilen bagly işleri bilen tanyşmak gerek.

**Harold Amams Innis** (1894-1952), kanadaly alym, Torontdaky kommunikatiw barlaglar mekdebini esaslandyryjy. Esasy işi – “Imperiýa we kommunikasiýa” (1959). Dünýä imperiýalaryny we olarda höküm süren aragatnaşyk (kommunikasiýa) görnüşleri boýunça ylmy barlaglar alyp bardy. Tehnologiki determinzmiň tarapdary, - ýagny, ol ýeketäk maglumat, äleminiň emele gelmegi kagyzyň, kagyzyň, çaphananyň we elektrik serişdeleriniň oýlanyp tapylmagy bilen

* Hususan-da, Ýe.G.Dýakowyň, A.D.Trahtenbergiň, A.D.Massowanyň köpçülikleýin aragatnaşyklar we hakykaty konstruirlemegiň meseleleri: tehniki çemeleşmeleriň seljerilişi – Ýekaterinburg, 1999, Ýene-de şolar: Köpçülikleýin aragatnaşyk; Täsiriň modeli. “Güntertibi” nädip düzülýär? – Ýekaterinburg, 2002; Z.N. Fedotowanyň köpçülikleýin aragatnaşyk sosiologiýasy – S.Пb., 2003 we beýlekileriň işlerine seret.

bagly diýip hasap edipdir. Ýeketäk maglumat älemi umumy ähmiýeti bolan maglumatlar, hususanda, täzelikler arkaly birleşýärler.

**Çarlz Kuli** (1864-1929), amerikan sosiologi, sosiosiholog. Sosiologiýadaky kiçijik toparlar atly nazaryýetiň düýbüni tutujylaryň biri. Esasy işleri “Adam jynsy we durmuş tertibi” (1902), “Durmuşy guramaçylygy” (1909), “Durmuşyň ösüşi” (1918), “Sosiologiýa nazarýeti we durmuşy gözlegler” (1930) jemgyýetdäki toparlara we şahsyýetlere uly “Men” – durmuşy düşünje bilen bagly bütewi bir beden hökmünde garapdyr. Şu birlikde durmuşylyk bütewiligiň kommulýatiw nuktaý nazarydyr, şahsy, mental

hadysalaryň “uly düşünjä” goşulmagy, durmuşy wakadyr, şahsy aňyň sosiallaşmagydyr. Bu, diňe aragatnaşykda, ilkinji toparyň içindäki şahsyýetleriň arasyndaky gatnaşyklarda bolup geçýär.

Ol KHS-iň şu aşakdaky aýratynlyklaryny ýüze çykarypdyr:

—aýdyňlyk (adamlaryň we oýlanmalaryň aňrybaş giň gerimini öz içine alyp bilmek ukyby);

—ýazgynyň durnuklylygy (wagty ýeňmek);

—çaltlyk (giňişligi ýeňmek)

—wakanyň diffuzlygy, bu durmuşy aragatnaşyklary giňeltmek we janlandyrmak bilen ähli gatlaklary öz içine alýar.

—KHS-i ýagşylygyň we adalatyň hüçjetlerini ýaýratmak bilen hem golaýa, hem uzaga aralaşýar.

**Garold Lassuel** (1902-1978), amerikaly. Politolog we sosiolog (Çikago mekdebi). Esasy işleri: “Dünýä urşunda wagyz-nesihat usuly” (1927), “Wagyz-nesihat, aragatnaşyk we jemagat” (1946), “Özüňi syýasy taýdan alyp barmaklygyň seljerilişi” (1947). Komunikasiýa formulasynyň awtory: “Maglumaty kim berýär – näme – haýsy ýaýlym boýunça – kime – nähili täsir bilen” syýasata funksional çemeleşme ulandy, syýasaty we

wagyz- nesihaty seljerende psihologiýany ulandy, syýasy häkimligiň nyşanlary öndürilende, bezelende, ýaýradylanda köpçülikleýin aragatnaşygyň ornuny ýüze çykardy, köpçülikleýin aragatnaşygyň kontent – seljeriş meseleleriniň üstünde işledi. Adamlaryň arasyndaky aragatnaşyklaryň iki taraplaýyn çydamlylyk görkezmek we durmuşyň esasy gymmatlyklaryna aralaşmak üçin açyk forum hökmünde hyzmat edýändigine düşünipdir.

**Pol Lazarsfeld** (1901-1976), amerikaly pozitiwçu – sosiolog. Esasy işleri: “Dünýä urşunda durmuşy psihologiýanyň tapgyrlary” (1950), “Halk saýlawy” (Berelson we Gode bilen bilelikde 1944). KHS-iň meseleleriniň bölünişi hökmünde M. De Fler, M. Makombs we D. Şou tarapyndan işlenip düzülen gün tertibini goýmaklygyň gipotezasiny öňe sürdi.

**Denis Mak Kueýliň** “Aragatnaşyk nazarýetine giriş” atly işi hem giňden bellidir (1994), ol şol işinde aragatnaşygyň çalt we kadaly nazaryýetine seredip geçýär.

**Manuel Kastelsiň** “Maglumatlar zamany: Ykdysadyýet, jemgyýet we medenýet” (1996, rus dilinde 2000ý. çykdy), (Galaktiki Internet: Internet işewirlik we jemgyýet barada oýlanma” (2003, rus dilinde 2004ý

çykdy), atly kitaplary ylmy bestsellere öwrüldiler, şol kitaplarynda ol maglumatlar zamananyň, Internet zamananyň esasy aýratynlyklaryny we kanunalaýyklyklaryny öwrenýär.

Köpçülikleýin aragatnaşyklar, olaryň sosiologiýa bilen arabaglanyşyklary boýunça iş alyp barýan rus awtorlaryny, şeýle-de olaryň kitaplaryny hem agzap geçmek gerek: W.P. Konenkow "Kommunawistika sosiologiýasy" (1997), Z.N. Fedotowa "Köpçülikleýin aragatnaşyklaryň sosiologiýasy" (2003), F.I.Şarkow, A.A.Podionow "Köpçülikleýin aragatnaşyklaryň sosiologiýasy" (2003).

Şolar ýaly galamgärçilik sosiologiýasy boýunça işleýän awtorlaryň atlary size öň diňlän kurslaryňyzdan, aýratynam "galamgärçilik nazaryýetine giriş" atly dersden we Ýe.P.Prohorowyň işlerinden belli bolmaly.

## KHS-iň jemgyýetde ulanylyşy

Bu ýerde biz galamgärçiligiň durmuşy ulgam hökmündäki nukdaý nazarlarynyň ählisi barada jikme-jik gürrüň edip oturmarys, çünki, bu zatlar Ýe.P.Prohorowyň "Galmagärçilik nazarýetine giriş" hem-de "Galamgärlik we demokratiýa" atly okuw kitaplarynda örän düşnükli edilip ýazylan. Biz bu düşünjeleri saýlap alarys we şolar

barada gürrüň ederis. Galamgärçilik – bu çalt durmuşy, maglumat ulgamy bolmak bilen, tutuşlygyna alanyňda jemgyýetiň, takyk bir tapgyryndaky ösüşiniň syýasy, ykdysady we ruhy ulgamyna çalymdaşdyr. Galamgärçiligiň şol jemgyýete çalymdaşlyk häsiýetini hem, onuň binýady alamatlarynyň biri hasap etmek bolar. Şular ýaly gatnaşyklaryň esasy kysymlarynyň ikidigini biz öň aýtdyk. Birinjisi: awtoritar kysym we galamgärçilik bir ideologiýa gulluk edýär. Ikinjisi: demokratiki kysym, munda jemgyýetde we galamgärçilikde köp pikirlilik, köp ideýalylyk höküm sürýär. Şol iki polýusyň haýsam bolsa birine golaýlaşýan, aralyk, başga bir kysmy jemgyýetiň we galamgärçiligiň bolaýmagy hem mümkin.

Galagärçiligiň durmuşylygynyň häsiýetine has aýdyň düşünmek üçin, onuň jemgyýetdäki ugrukdyrylyşyna bolup geçýän wakalara gatnaşyjylaryň esasy we KHS-iň, galamgärleriň depginli ýagdaýda bolup geçýändigine nazar aýlamak gerek.

Şu synanyşmalaryň başynda amerikan sosiologlary durupdyrlar, şonuň üçinem, şolaryň taglymatlaryny seljermekden başlamaklyk mantyga has laýyk bolsa gerek.*

Görkezme esbaplarda biz Ýe. W.Ahmadulliniň kabul eden kommunikasiýasynyň çyzgysyna syn bermekligi ulanarys.

Kibernetik U. Şennonyň aragatnaşyk kanunlary boýunça her dürli gatnaşyklary, şol sanda hususy gatnaşyklary öwrenmek üçin teklip eden çyzgysyndan başlaýalyň (1sur).

*Daşary ýurt awtorlarynyň synlary bilen Z.Zemlýanowanyň “Amerikan kommunikatiwistkasy, W.Koneskaýanyň “Kommunikasiýanyň sosiologiýasy” , F. Sibertiň, U. Şrammyň, T.Pitersonyň “Metbugatyň dört nazarýeti” minikasiýa we hakykaty konstruirlemegiň meseleleri: “esasy nazary çeşmeleriň seljerilişi”, Ýe.Ahmadulliniň “Köpçülikleýin kommunikasiýanyň günbatar modeli: “emele gelmeleriň taryhy, gurluşy, ýerine ýetirilişi” (Rostow uniwersitetiniň filologiki habarlary -200. -№3) atly işleri we beýleki işler arkaly tanşyp bilersiňiz.

Seret: Ýe. W.Ahmadullin. Kommunikasiýanyň günbatar modeli: emele gelmegiň taryhy, gurluşy, ýerine ýetirilişi // Rostow uniwersitetiniň filologiki habarlary. – galamgärçilik - 2000.




1.Surat. U. Şennonyň shemasy

Bu shema tehniki aragatnaşyk serişdeleri üçin düzülen, ýöne, onda, soň islendik aragatnaşyk shemasy, şol sanda köpçülikleýin ulanylan esasy komponentleriň atlary agzalyp geçilýär.

Ýöne köpçülikleýin aragatnaşyk shemasynyň düýbüni tutujy (aragatnaşygyň esasy elementleri barada baryp-ha Aristiteliň aýdyp geçendigine garamazdan) amerikaly sosilog, Çikagonyň sosilogiýa mekdebiniň wekili Garrold Zassuel (1902-1978) hasap edilýär. Ol özüniň "Kommunikasiýanyň jemgyýetdäki gurluş düzümi

we ýerine ýetirýän wezipesi” atly makalasynda (1948): *kim habar berýär, näme habar berýär, kime, täsiri hänili* diýen soraglara alan jogaplary ýazyp beýan edýän meşhur pentadasyny – “bäşagzasyny” teklip etdi. Muny şu aşakdaky shema arkaly görkezmek bolar (2sur).




2. Surat. G.Lassuelliň shemasy

Ýöne, Lassuelliň shemasy maglumatyň diňe bir taraplaýyn hereketini görkezdi. Ony köpçülikleýin aragatnaşyk serişdelerinde wagyz-nesihat bilen bagly bolanlykda gözbagçylyk meýillerinde aýyplap tankyt etdiler. Biraz soňrak, 1968-nji ýylda Lassuel aragatnaşyk prosesine ýene iki sany elementi girizdi we käbir formulirowkalary üýtgetdi.

| *Kommunikator* | *Kommunikator enjamy* | *Aragatnaşyk şertleri* | *Aragatnaşyk serişdeleri* | *Kommunikatoryň gelejegi* | *auditoriýa* | *Netije* |
|---|---|---|---|---|---|---|
| *Kim habar berýär?* | *Nähili matlap bilen?* | *Nähili ýagdaýda?* | *Nähili serişdeler arkaly?* | *Haýsy strategiýany ulanýar?* | *Haýsy auditoriýa täsir etmekligi göz öňüne tutýar?* | *Netijesi nähili?* |

*Şu shemada kommunikatoryň maksady ýüze çykan hem bolsa, barybir onda-da şol bir öňki birtaraplaýynlyk saklanyp galypdyr, ýagny, auditoriýa diňe KHS-iň täsir ediji obýekti bolup durýar we aragatnaşygyň durmuşy hallary ýüze çykarylmaýar.*

Şonuň üçinem, köpçülikleýin aragatnaşyk serişdeleriniň üstünde işleýjiler Şennonyň we Lassuelliň esasy gurluş elementlerini ulanmak bilen, şol shemalara




3. surat. Şrammyň shemasy

täze elementler goşdular we olaryň shematiki birtaraplaýynlygyny ýeňip geçmäne çalyşdylar.

Mysal üçin, amerikan alymy U.Şrammyň modelinde habaryň kabul edijä baryp, ondan soň ýene-de habar berijä dolanyp geliş hereketi görkezilen. Mundan başga-da, ol shema “pabliks” elementini hem goşdy, bu bolsa durmuş araçy diýmekdir, kabul edijä maglumat şonuň üstünden geçýär (dürli jemgyýetçilik guramalary – kongres, kärdeşler arkalaşygy, söwda palatasy we ş.m.). Köpçülikleýin aragatnaşyk subýektleriniň arasynda, habarlary interpretasiýa edýän kodlaýjy we äşgärleýji enjam durýar (3sur).

Ondan soň Jon we Matilda Raýli bar bolan shemalary durmuşy aragatnaşyklar bilen doldurdylar, onuň üçin olar shema kommunikatora we pesipiýente (barmaly ýerine, maglumaty kabul edijä, ýagny, kommunikanta) täsir ediji ilkinji toparlary, has giň durmuşy gurluşlary goşdular (4sur).




4.surat. Raýliniň shemasy

G.Maleske ilkinji toparlaryň ýagny, kollektiwdäki kommunikatoryň, edaradaky kommunikatoryň, beýleki durmuşy gatnaşyklar kommunikatorynyň gurluşyny açyp görkezdi, şeýle-de,

onuň öz – özi baradaky düşünjäni we jemgyýetiň oňa edýän basyşy baradaky fakty goşdy.

Maglumaty kabul ediji resipient bölegi hem onuň bilen şahsyýet, jemagat agzasy hökmünde tanyşmagyň hasabyna baýlaşdy. Maleske resipientiň habary saýlap almagyna şahsyýetiň gurluşy, ösüşi we tejribesi, medenýeti we bähbitleri, garaýyşlary hem-de dünýägaraýşy, şeýle-de resipientiň maglumaty kabul edýän şertleriniň ýagdaýy täsir edýär, diýip hasaplaýar. (5 sur).



5. surat. G.Maleskeniň shemasy

Ine-de iň soňky agzalan Ýe. W.Ahmadulliniň getiren we seljeren shemasy, bu, Melwin de Fleriň hem-de Sandra Boll – Rokiçiň çylşyrymly, köpgyraňly shemasy (“Köpçülikleýin gatnaşyklaryň nazaryýeti” 1982). Onda köpçülikleýin maglumaty döredýän kiçi ulgamlar, maglumat ýaýradyjy kiçi ulgam maglumatlaryň




6 surat. M.de Fleranyň we S. Boll-Rokiçiň shemasy

mazmuny, maglumaty kabul edip almagyň şertleri, maglumaty kabul edip almagyň şertleri, maglumata isleg bildirýänler we aragatnaşyga başdanaýak gözegçilik ediji

kanuny, maliýe, ugrukdyryjy, jemgyýetçilik guramalary we çylşyrymly aragatnaşyklary bolan reklama wekilçilikleri (6 sur).

Geçen asyryň altmyşynjy ýyllaryndan başlap, ýagny, galamgärçilik sosiologiýasy döräli bäri, sosiologiýada köpçülikleýin aragatnaşyk serişdeleriniň ýa-da şol döwürler atlandyrylyşy ýaly köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ulanylyşynyň shemasy işjeň suratda işlenilip düzüldi. Bu modeller A.N.Alekseýew, Ýu.P.Budansew, B.A.Sruşin, S.G.Korkonosenko, G.W.Zazutina, Ýe.P.Prohorow, Z.N.Fedotow, I.D.Fomiçewa we beýlekiler tarapyndan teklip edildi. Size hususan-da Ýe.P.Prohorowyň "Galamgärçilik nazaryýetine giriş" atly okuw kitaby boýunça neşirçini, galamgäri, teksti, kanaly, auditoriýany, hakykaty özünde jemleýän shemasy tanyşdyr.

Galamgärçiligi jemgyýetde ulanmaklygyň shemasy awtorlaryň taglymatlaryny ýüze çykarýar we olaryň geçirýän gözlegleriniň maksatlary üns berilmegine mynasypdyr. Ýöne, bu modeller birtaraplaýyn görünýär we haçanda gürrüň galamgärçilik barada gidende maglumaty alyşýanlaryň çylşyrymly taraplaryny açyp görkezmeýär. Mundan başga-da adatça jemgyýetdäki

durmuşy, köpçülikleýin maglumatlaryň hereketine nämäniň ilkinji signal bolup durýandygy shemada düşnüksiz bolup galýar. Modeller köplenç depgini däl-de, gurluşy görkezýär, ýagny, maglumatlaryň jemgyýetde nähili ýagdaýda döreýändigi, nähili hereket edýändigi, nähili ulanylýandygy barada düşünje bermeýär. Ýöne, hatda depginli aragatnaşyklary bellän modeller hem maglumatlaryň ulanylşyna aýlawlaýyn, halkalaýyn hereket hökmünde seretmändirler.

Şol ýetmezçilikleriň düzedilen shemasyny dykgatyňyza hödürleýäris.(7 sur).




7 surat. Jemgyýetde žurnalizmiň ulanylyşy.

1.J – jemgyýetçilik. 2.H-Halk. 3. A – Auditoriýa. 4. DJ – Durmuşy institutlar. 5.KHS – Dürli derejedäki we dürli

kysymdaky köpçülikleýin habar beriş serişdeleri. 6.JI – jemgyýetçiligiň islegleri. 7. AB – Auditoriýanyň bähbitleri. 8. DG – Dolandyryjy gurluşlar. 9. H –Dürli derejedäki häkimlik gurluşlary. 10. P – partiýalylar, jemgyýetçilik hereketleri we birleşmeleri. 11. D – KHS-iň eýeleri,reklama berijiler hemaýatçylar, we ş.m. 12.Maliýe gurluşy, KHS-iň eýeleri, reklama berijiler, hemaýatjylar we ş.m. 13. N – KHS-i neşir ediji we ýaýradyjy guramalar. 14. MG – Metbugat. 15. TW – telewideniýe. 16. RH – radio habarlary. 17.MW – maglumatlar wekilçiligi. 18. UM – ulgam mediýasy. 19.RG – Reklama gullugy.

Galamgärçiligiň esasy özenine durmuşy institut hökmünde düşünmekligiň açary, *jemgyýet ähli auditoriýalaryň jemi hökmünde maglumat aragatnaşyklarynyň baş subýektidir diýen düşünjededir.* Maglumatlar işini döredýän esasy işe giriziji mehaniz bolsa, jemgyýetiň syýasy, prosesleri we talaplary bilen şertlendirilen islegleri bilen baglydyr.

Ýöne, beýleki bir tarapdan, galamgärçilik üçin işe giriziji mehanizm subýekleşdirilen islegler hem bolup biler, ýagny, **islegler,** häzirki ýagdaýda **audiotiriýa**

**islegleri.** Şunlukda, galamgärçiligiň ulanylyşy iki hili akymy barada gürrüň etmek bolar. Ýöne, oň bilen islegler we bähbitler diýlende nämäniň göz öňüne tutlýandygyny we olaryň näme arkaly aýrybaşgalanýandygyny takyklalyň.

**Isleg** adatça **zerurlyk,** toparyň, umuman jemgyýetiň işjeňligini içki tarapdan hyjuwlandyryjy bir zadyň ýetmezçilik etmegi hökmünde kesgitlenýär. Islegler biologiki (fiziologiki), durmuşy, ykdysady, ruhy isleglerden ybarat bolup, olar sosiumyň we şahsyýetiň durmuşynyň ähli äleminde gündelik durmuşynda, zähmetinde, jemgyýetçilik işlerinde, biliminde, redaksiýada we ş.m.bolýar. Olaryň hemmesiniň maglumatlar bilen, şol sanda KHS bilen hem üpjünçiligi bolmaly.

Adamlar, durmuşy toparlar tarapyndan şeýle islegiň duýulmagy, bähbitleriň rolunda çykyş edip bilerler. Şonuň üçinem subýektiň sosiumdaky hakyky ýagdaýy bilen bagly hem bolsa, subýektiw kategoriýadyr bähbit (**interes –** interist lat. möhüm diýmek). Bu, şahsyýetleriň we durmuşy toparlaryň şol şereketlerine gatnaşýan gakynyşlar – äheňler, oý-pikirler, idealar we ş.m. bilen ýüze çykýan durmuşy hereketleriň hakyky sebäpleridir.

Bähbir käte obýektiw isleglerden (mysal üçin bedene zyýan ýetýändigini bilip duran hem bolsa, durmuşynyň bozuljakdygyny aňan hem bolsa, ýagny obýektiw suratda özüne zyýanlydygyny bilip duran hem bolsa adamy alkogolly içgiler ýa çilim özüne çekýär) iňňän daşda galýar.

Indi KHS-iň ulanylyşyny beýan etmeklige dolanalyň, şunda, islegiň – obýektiw zerurlykdygyny bähbidiň bolsa – şahsyýetiň ýa-da toparyň subýektiw ugrukdyrylyşydygyny bilmegimiz gerek. Şeýlelikde, biziň tegelek shemamyzda (ser 8 sur) bellenen birinji ýa-da **jemgyýetçilik** islegleriniň ugry diýip atlandyralyň. Ol jemgyýetiň syýasy, durmuşy, ykdysady, biologiki we ruhy isleşleri esasy gatlaklary tarapyndan döreýär. Durmuşy institutlar (galamgärçilige täsir edýän häkimiýetler, dürli jemgyýetçilik we täjirçilik gurluşlary), KHS üçin hereket ediş maksatnamasyndaky şol durmuşy buýurmany fransformasiýa edýär. Şoňa laýyklykda, ýa-da öz hususy maksatnamalarynyň esasynda, egerde, KHS-iň eýesi ýa-da döredijisi redaksiýa işgärler bolsa, galamgärler maglumaty audiotoriýa geçirýärler. Ýöne, şunda, KHS auditoriýa bilen onuň auditoriýa bähbitleri tarapyndan özara gatnaşyk edýär. Maglumat jemgyýetiň

obýektiw isleglериniň nukdaý nazaryndan seredeniňde hernäçe möhüm ýa peýdaly hem bolsa, auditoriýa üçin gyzykly bolmasa onuň okalmajakdygyny, diňlenmejekdigini biz bilýäris. KHS-iň üstünlik gazanmagy elmydama galamgäriň şol ugurdaky maglumatlar auditoriýany näderejede gyzyklandyryp bilýändigi bilen kesgitlenilýär.

Galamgärçilik tarapyndan adamyň aňyna, özüni alyp barşyna, jemgyýetçilik durmuşyna üýtgeşmeleriň girizilmegielbetde, durmuşy isleglere täsir edýär, şeýlelikde maglumatlaryň jemgyýetdäki täze bir aýlawy jemgyýetde üýtgeşmeler (iň bolmanda bölekleýin), islegler we KHS-iň maglumatlar önüminiň şoňa laýyklykda korektirlemegi bilen bolup geçýär.

Shematiki görnüşde muny şeýleräk görkezmek bolar: jemgyýetçilik islegleri onuň oňaýly ösüş ýagdaýyndaky obýektiw zerurlygydyr häkimiýet institutlary, şol bir wagtyň özünde edarany döredijiler, neşir eýeleri, reklama berijiler, dürli täjirçilik gurluşlary bolup durýan dürli syýasy we durmuşy gurluşlar, galamgärler neşirçiler we çaphana önümleri ýaýradyjylar – öz bähbitler bilen auditoriýalar we ondan aňryk täze aýlaw boýunça. KHS-i ulanmaklygyň şu ugrunda elbetde,

garşylyklaýyn aragatnaşyklar hem bar, ýagny, auditoriýanyň tekstine auditoriýanyň garaýşy.

KHS-i ulanmaklygyň ikinji ugruny auditoriýaçylyk ýa-da auditoriýanyň bähbitleriniň ugry diýip atlandyrmak mümkin. Ol auditoriýanyň durmuşy bähbitlerine aýak direýän auditoriýa bähbiteri tarapyndan döreýär. Olar galamgärler tarapyndan hereket edilýän ýolbaşçylyk hökmünde kabul edilýär.

Şu bähbitleriň örän köp dürlüligi we obýektiw islegler bilen güýçli suratda aýrylyşyp biljekdikleri sebäpli, şu ugurda her dürli gyşarmalaryň bolmagy mümkin. Adatça, KHS-iň peýdasy auditoriýany ulaldýan, netijede täze reklama berijileri özüne çekip, neşiriň we onuň eýesiniň girdejilerini köpeldýän  fizologiki we rekreatiw häsiýetli bähbitleri ulanmakdan ybaratdyr.şunda, auditoriýanyň iň bir üýtgewsiz, fiziologiki bähbitleri ulanylýar, iň ýokary derejedäki ösüp barýan, durmuşylaşýan şahsyýet bilkastlaýyn äsgermezlik edilýär,şahsyýetiň umuman jemgyýetiň, milletiň saglygy durmuşy we hüý-häsiýeti babatdaky deňagramlylyk babatda alada edilmeýär. Şu ýagdaýda biz durmuşdaky we işindäki ähli zatlara oňaýsyz täsir etmek bilen, adamlaryň ahlagyny we jemgyýetiň ahlak gurluşyny

weýran ediji fiziologiki (kä halatlarda metbugatyň özi tarapyndan bozgak ruhda terbiýelenen) bähbitleriň kanagatlandyrylmagyna gönükdirilen bulwar manysyz ýeňil galamgärçilik bilen iş salyşýarys.

Ýöne, munuň özi auditoriýaçylyk ugry diňe oňaýsyz meýiller bilen häsiýetlendirilýändir, diýmek bolmaz. Egerde, KHS-iň çeşmesi bolup durýan auditoriýa bähbitleri şahsyýetleriň, toparlaryň, jemgyýetiň obýektiw isleglerine ýeterlik derejede golaý bolsa, onda, biz adaty köpçülikleýin galamgärçilik bilen iş salyşýarys. Dogry, şular ýaly hildäki KHS-i bizde mysal getirmek kyn, iň bolmanda köp däl, şeýle-de bolsa, metbugatyň tiraž sanynyň we agramynyň azalyşa tarap edýän meýiliniň suduryny görmek bolýar.

Auditoriýaçylyk uguryndaky KHS-iň ulanylyş shemasy şeýleräk: auditoriýanyň bähbitleri – galamgärler – häkimiýet institutlary, jemgyýetçilik durmuşyna haýsydyr bir üýtgeşmeler giriziji we şunlukda onuň isleglериniň emele gelmegine we üýtgemegine hem-de şol zatlaryň gezeginde auditoriýanyň bähbitleri hökmünde ýüze çykmagyna täsir ediji her dürli syýasy, täjirçilik gurluşlary we ş.m. Mundan buýana täze aýlaw boýunça.

Käbir aragatnaşyklaryň gysgalaýmaklygynyň hem ahmaldygyny belläp geçmek gerek. Mysal üçin, egerde, KHS-iň özleri eýeleriň rolunda çykyş edýän bolsalar, onda, häkimleriň, syýasy partiýalaryň we hereketleriň, jemgyýetçilik pikiriniň ýeterlik derejede güýçlidiklerine şolar ýaly KHS-iň ýolbaşçylarynyň belli bir syýasy garaýyşlara ýykgyn edýändiklerine garamazdan täjirçilik gurluşlaryň täsiri azalýar.

Jemgyýeti ösdürmekligiň amatlylyk derejesi KHS-i ulanmak babatda, agzalyp geçilen iki ugruň nederejede sazlaşýandygy bilen ölçernýär. Egerde, auditoriýaçylyk ugry gowşasa ýa-da düýbünden bolmasa, maglumatlar syýasatyny bolsa esasan häkimleriň elinde bolsa, metbugat diňe şolaryň aýdany bilen ýörese, onda, munuň özi jemgyýetiň awtoritar köplenç bolsa totalitar kysmydyr. Muňa aýdyň mysal edip, üýtgedip gurmakdan öňki partiýalaýyn galamgärligi görkezmek bolar. Egerde auditorýaçylyk ugry ýeterlik derejede takyk ýüze çykýan we jemgyýet bilen sazlaşýan bolsa, egerde ol auditoriýanyň ýeke bir subýektiwleşen bähbitlerini däl, eýsem auditoriýanyň obýektiw isleglerini hem açyp görkezýän bolsa, demokratik kysymly jemgyýet barada gürrüň etmek bolar.

Egerde, täjirçilik metbugatynda ýygy-ýygydan bolşy ýaly obýektiw islegler bilen sazlaşdyrylmadyk auditoriýa bähbitleriniň kanagatlandyrylyşy generallaşdyrylan bolsa, onda, sary, bulwar metbugaty, nogtalanan reklama, wejeraçylykly, gandöküşikli jenaýatçylykly temalar ösýär. Egerde, metbugat hakyky däl-de, okyjynyň tomaşaçynyň ýoýlan bähbitlerinden (köplenç özi döredip, özi reklama edip) ugur alsa, bu, jemgyýetiň bozulmagyna, çagşamagyna getirer.

Sowet döwründäki gowuşgynsyzlygyndan soň auditoriýaçylyk ugrunyň güýçli suratda ýüze çykmagy gürrüňsiz, okyjylaryň, diňleýjileriň, tomaşaçylaryň dürli bähbitleriniň giň geriminiň kanagatlandyrylmagyna mümkinçilik berýän oňaýly ýagdaýdyr. Ýöne, oňaýsyz täsirler hem möhümdir, çünki, maglumat üpjünçiligi jemgyýetçilik, ruhy aň-bilim döredijilikli bähbitleri doly suratda iňkär etmek bilen, esasan fiziologiki bähbitleri, gadagançylyga, jenaýatçylyklara, adatdan daşary wakalara, adamlaryň durmuşyndaky pynhan pursatlara we ş.m.bolan höwesi kabul edýär. Galagärler tarapyndan köplenç azgynçylykly kabul edilýän we jemgyýetçilik isleglerine laýyk gelmeýän bähbitleriň öz akymlaýynlygy galamgärçiligi gymmatlyk, ahlak taýdan pese gaçmaklyga

alyp barýar. Auditoriýanyň, şoňa laýyklykda galamgärçiligiň öň gadagan edilen temalara bolan höwesine düşünmek bolar: bu, bähbidiň uzak wagtlap senzuranyň labyrynyň aşagynda ýatan zada bolan bähbidiň maýatnik görnüşindäki ýagdaýydyr. Ýöne, bir zat bozulan bolsa, onda ony dikeltmek kyn. Bu ýagdaý esasanam KHS-iň ýaş nesle edýän täsirine degişlidir.

Şeýlelikde, **maglumaty döredýän esasy faktor – oňa obýektiw zerurlyk hökmündäki ýaşamagy özüni goramagy we oňaýly ýagdaýda ösmegi üçin sistema kömek berip biljek islegdir.**

KHS-i jemgyýetde ulanmaklyga sosiologiýa taýdan çemeleşmekligi seljermekligiň netijesinde şu aşakdaky netijeleri aýtmak bolar:

1.Bu ýagdaý aýlawly, has takygy spiral görnüşli, sikl görnüşlidir.

2.Sikl görnüşli ulanmaklyk bir ugurly däldir, köp wektorly ugurlydyr. Ösüşiň umumy wektory plýusly, bolup biler, ýagny, jemgyýetiň ösüşine we kämilleşmegine ýardam edip biler. Şonda, onuň üýtgeýiş spiraly çykyş ugry boýunça aýlanýar. Ýöne, haçanda KHS-iň täsiri bilen jemgyýetiň lagşamagy we dargamagy ahlagynyň ruhynyň we fiziki mümkinçilikleriniň pese

düşmegi emele gelse, onda negatiw meýiller hem ösüşe eýe bolup bilerler. Bu ýagdaýda galamgärçiligi ulanmaklygyň spiraly oňaýsyz tarapa guşarýar, jemgyýetiň bozulmagyna ýardam edýär. Şu iki ugurda hem tersleýin aragatnaşyklar bar.

3. Tutuşlaýyn, üznüksiz diýip atlandyryp bolýandygyna görä, bu hereketde dürli durmuşy subýektler, gatnaşyklar haýsy sistemasynda seredilýändigine görä, dürli pozisiýalara: käte subýektiň öz pozisiýasna(haçanda olaryň roly dolandyryjy, esasy bolanda), käte serişdeler pozisiýasyna (haçanda olar has güýçli subýektiň häkimiýetleriň, zat eýeleriniň, auditoriýanyň – elindäki ýaraga öwrülenlerinde), käte obýektler pozisiýasyna, käte maglumatlar obýektiniň täsirine düşüp bilerler.

4. Ugurlaryň we rollaryň dürlüdiklerine görä, žurnalizmiň dürli kysymlary barada gürrüň etmek bolar: *jemgyýetçilik jogapkärçilik* bu, möhüm jemgyýetçilik meselerini çözmeklige we jemgyýetçilik isleglerini kanagatlandyrmaklyga gönükdirilýär, şeýle-de *täjirçilik,* bu, aňrybaş peýda gazanmaklyga gönükdirilýär, munuň üçin ol elmydama auditoriýanyň bähbitlerini goraýar,

olary *totalitar, goragsyz we garaşly, oňaýly we oňaýsyz* ýagdaýlarda ösdürýär.

Bütewi, depginli we häzirkizaman çemeleşmeleri bu prosessiň ýeke bir çyzykly – depginli däl-de, eýsem, maglumatlaryň jemgyýetdäki sikl görnüşinde bolup geçýän hereketini açyp görkezýän aýlawly, has takygy *spiral görnüşlidigini aňlamana mümkinçilik berýär.* Bu, *birtaraplaýyn däl-de köptaraplaýyn, dört wektorly hereketdir, sebäbi, oňa ýene-de plýusly we minusly ugurlar hem goşulýar. Şu hili ulanmaklygyň ösüş pursaty hökmünde çykyş edýändigini belläp geçmek möhümdir, onuň iň bärkisi üç sany ösüş ýagdaýy bardyr: ýokary galyş, aşak gaçyş (degradasiýa) we stagnasiýa, ýagny, üýtgewsiz bir derejede ulanmaklyk.*

## Redaksiýalaryň işindäki sosiologiki maglumatlar Galagärçilikde sosiologiýanyň ulanylýan ýerleri

Bu günki gün sosiologiki sowatlylyk - galamgäriň hünär derejesini görkezýän zatdyr. Bu, galamgarçiligiň bu gün bazar şertlerinde işlemeli bolýandygy, maglumatyň haryda öwrülendigi, biz islesek islemesek şol harydyş söwdasynyň biziň maglumatlat bazary bilen köpçülikleýin

maglumaty ulanyjylar bilen näderejede tanyşdygymyz, maglumatlar harydyny öndürýäniň, ýagny, redaksiýalaryň we galamgärleriň zähmetine baha kesip bilýändigimiz ýa bilmeýändigimiz bilen baglydyr.

**Şu ilkinji, örän möhüm ugur, KHS-iň jemgyýetide ulanylyşyny sosiologiki taýdan öwrenmek bilen, redaksiýanyň içki, sosiorefleksiýasy bilen baglydyr.** Şunda, KHS-i jemgyýetde, redaksiýada, auditoriýada, maglumat alyş-çalşygyna gatnaşýan beýleki gurluşlarda (häkimiýetler, zat eýeleri, neşirçiler, reklama berijiler we ş.m.) ulanmaklyga gatnaşýanlaryň ählisiniň gözlegleriniň ugurlary, usullary we netijeleri bilen tanyşmaklyk galamgär üçin peýdalydyr. Ýöne, şu ýerde sosiologiki gözlegiň iki ugruny tapawutlandyrmak gerek. Birinji – bu, adatça auditoriýanyň mukdar düzüminiň mediametriki, marketingleýin barlaglaryna aýak direýän, diňe täjirçilik peýdalaryny gazanmak üçin möhüm bolan faktorlary öwrenmek. Ikinjisi auditoriýanyň hakyky häsiýetini öwrenmeklige, onuň hakyky bähbitlerini we isleglerini bilmeklige gönükdirilendir. Bu bilim, köplenç täjirçilik peýdasynyň garşysyna gidýän, galamgäriň sosial – jogapkärçilikli liniýasyna düzedişleriň girizilmegi üçin zerurdyr.

Her niçik hem bolsa, KHS-i jemgyýetde ulanmaklygyň sosiologiýa taýdan öwrenilmegi, galamgärleriň we redaksiýalaryň öz-özüni tanaýyş prosesleri, şeýle-de, önümlerine isleg bildirýänler hökümindäki auditoriýany öwrenmek bilen baglydyr. Auditoriýanyň reperzentatiw gözleglerininiň köplenç ýörite sosiologiýa gulluklaryna buýrulýandygy tebygydyr. Ýöne, şu ýagdaýda hem, gözlegleriň öňünde durýan meselelerini we maksatlaryny sosiologiki firmalara sowatly düşündirip, reprezentatiw saýlawlary barlap, barlagyň usulyny we maksatnamasyny bahalap, alynan maglumatlaryň seljerilişiniň meňzeşligi we amaly teklipleriň aýratynlygy barada habarnama düzüp bilmekleri üçin, redaksiýanyň işgärlerine meýelnamalaşdyrmagyň aýratynlyklary, gözlegleriň usullary bilen tanyş bolmak peýdalydyr.

Iri görnüşdäki KHS-leriň hususanda elektron görnüşindäkilerniň köplenç öz sosiologiki merkezleri ýa-da gulluklary bar. Ýöne, hatda,uly bolmadyk redaksiýalaryň hem käte auditoriýanyň bir ýere jemlenen görnüşindäki barlaglaryny, mysal üçin poçta ýa-da metbugat barlaglaryny geçirmäne güýji çatýar. Ine, şonda, kähalatlarda galamgär sosiologyň rolunda çykyş etmeli

bolýar: gözlegiň maksatnamasyny düzmeli wyborka etmeli, sowal-jogap tekstini ýa-da anketany taýynlamaly, kabul edilen anketalaryň üstünde işlenilişiniň aýratynlyklaryny, tablisalaryň we grafikleriň gurluşyny bilmeli, geçirilen gözlegler barada sosiologiýa taýdan sowatly ýazmany başarmaly.

Şeýlelikde, birinji uguryň çäginde gözlegleriň şu aşakdaky görnüşleri bar.*

1.Marketing gözlegleri-neşirler we maksatnamalar üçin maglumatlaryň ornuny gözlemek we bellemek. Tölege has ukyply reklama berijileri, hyzmatlar babatdaky we ş.m.isleglerini ýüze çykarmak üçin, redaksiýalaryň täjirçilik işinde sosiologiki usullary ulanmak.

2.Auditoriýanyň maglumata bolan isleglerini we bähbitlerini (isleg, kanalyň we neşiriň saýlanyşy we ş.m.) öwrenmek, auditoriýanyň bähbitlerine we maglumat guramalaryna bolan gatnaşyklaryna düşünişmek we ş.m.

3.Maglumatlar guramasyna bolan gatnaşyklara düşünmek üçin redaksion poçtada, barlag geçirmek onuň işini gowulandyrmak üçin baha we teklip bermek,

redaksiýa ýazýanlaryň sosial we demografiki düzümini öwrenmek.

4.Tematiki maksatnamany düzedişdirmek maksady bilen, takyk bir maglumat guramasyny (mümkin bolsa auditoriýa gözlegleri we galamgärleriň oriýentasiýasy

*Jikme-jik bilerin diýseň: Galamgärçilik we sosiologiýa atly okuw kitabyna seret.

bilen deňeşdirip) kontent – seljeriş usulynda (mazmunyň hil-mukdar taýdan seljerilişi) barlamak.

5.Redaksiýanyň işini, işgärleriň düzümini, işgärleriň düzümini, redaksiýadaky içki gatnaşyklary, maglumatlar üpjünçiligi, işgärleriň hünär derejelerini ýokarlandyrmaklygy amatlylaşdyrmak maksady bilen, redaksiýanyň işgärlerini we aýry-aýry galamgärleri öwrenmek.

6.Sosilogiki barlaglaryň esasynda uly mümkinçilikli we hakyky auditoriýany, KHS-iň kysmy häsiýetini işlemek.

7.Takyk bir maglumat guramasynyň işiniň maksatnamasyny, tematiki we žaur gurluşyny, grafiki şekillendiriş modelini we ş.m.auditoriýanyň sosiologiki

gözleglerini, KHS-iň şol bölegindäki bazaryň ýagdaýyny ulanmak arkaly işläp düzmek.

8.Köpçülikleýin maglumatlar ulgamynyň aýry-aýry döwletlerde we dünýäde ulanylyşyny we ösüş meýillerini (depginini) öwrenmek (deňeşdirme gözlegleri).

**Galamgäriň sosiologiýa taýdan sowatlylygyny görkezýän ikinji ugur onuň sosiologiki barlaglaryň maglumatlaryny ulanyp bilýänligi, galamgärçilikde gerek bolaýjak durmuşy ýagdaýlary barlamak üçin sosiologiki usullary ulanyp bilmeklige bolan ukyby bilen baglydyr.** Bu, derwaýys durmuşy hasydalaryň galamgärçilik sapagy hökmünde kabul edilmegidir. Galamgärçiligiň sosiologiýasy äleminde bilimiň bu ugry her bir galamgär üçin zerurdyr. Sosiologiýanyň dürli dersler älemindäki—syýasatdaky, ykdysadyýetdäki, medenýetdäki, boş wagt babatdaky, jenaýatdaky, gedaýçylyk we ş.m.babatdaky gözlegleriň netijesi baradaky maglumatlar redaksiýanyň işgäri üçin, aýratynam häzirkizaman iň bir möhüm meselelerini açyp görkezmäne çalyşýan seljerijiler we gözleýjiler üçin örän möhümdir. Sosiologiki merkezleriň köpçüligiň pikiri baradaky barlaglarynyň netijeleri bilen tanyşmak, käte

gazetiň çykýan ýa-da elektron kanalyň işleýän ýerindäki sebitiň ilaty üçin hut özüniň ýiti, lokal barlaglaryny geçirmek – galamgäriň çap bolan islendik makalasyna gürrüňsiz obýektiwlik, takyklyk, subutnama röwüşlerini çaýar.

Şeýlelikde, redaksiýanyň işinde sosiologiýany ulanmaklygyň şu ugrunda, **gözlegleriň** şu aşakdaky **görnüşlerini** agzamak bolar.

1.Redaksiýanyň ünsüne we aýan edilmegine mätäç bolan has derwaýys, jemgyýetçilik meseleleriniň ýüze çykarylmagy (şu meseleler boýunça dürli sosiologiki merkezleriň gözlegleriniň maglumatlary: WSIOM “Zewada –sentz”, “Jemgyýetçilik pikiri”, “Monitorg” we beýlekiler).

2.Sosiologiýanyň takyk bir älemi boýunça geçirilen sosiologiki barlaglaryň netijelerini (syýasat sosiologiýasy, işewürlik, durmuşy älem, bilim, saglygy goraýyş, maşgala, sport, ýaşlar, şäher, oba we ş.m.) çekmek.

3. Neşiriň we teleradio maksatnamalarynyň çykýan sebitindäki ilaty tolgundyrýan iň bir derwaýys meseleler boýunça jemgyýetçilik pikiri baradaky bar bolan sosiologiki maglumatlary öwrenmek.

4. Redaksiýa tarapyndan berilen tema üçin ýörite durmuşy gözlegleri ylmy merkezlere buýurmak, ekspert – sosiologlary çekmek.

5.Redaksiýalar tarapyndan durmuşy merkezler bilen bilelikde hemişelik gözegçiligi geçirip durmak (mysal üçin, bir wagtlar Ýewgeniý Kiselýew tarapyndan “Jtogi” atly telemaksatnamada edilişi ýaly syýasatçylaryň saýlawyň öň ýany edýän çykyşlary)

6.Ilaty tolgundyrýan takyk bir derwaýys gündelik tema boýunça (söwda, ulag, saglyk hyzmatlary, işe ýerleşmek we ş.m.) özbaşdak redaksion ýa-da galamgärçilik barlaglaryny geçirmek. Eger-de, gymmata düşýän reprezentatiw barlaglary geçirmek kyn bolsa, onda, islän wagtyň metbugat anketasyny (neşirde çap edilen ýa-da TW we R boýunça habar berilen anketalar) çap etmek mümkin.

7. Kontent – seljeriş usulyny ulanmak arkaly, maglumat guramasynyň auditoriýasyny ýiti suratda gyzyklandyryjy meseleleri ýüze çykarmak üçin redaksiýanyň poçtasyny öwrenmek.

8.Takyk bir çap bolan makala üçin standartlaşdyrylan gözlegçilik (bazardaky alyjylaryň, köçelerdäki gedaýlaryň özlerini alyp baryşlary we ş.m.)

9.Maglumatlary ulanyjylary gyzyklandyrýan temalar boýunça internet – gözlegleri.

10. Sosiologiki üpjün edilen auditoriýany tolgundyrýan meseleler boýunça köpçülikleýin redaksion aksiýalary ara alyp maslahatlaşmalary, jedelleri şol sanda internet – forumlary geçirmek.

Jemgyýetçilik bilen ara alyp maslahatlaşmalary jedellileri, mysal üçin, I.D.Fomiçewiň haýsydyr bir takyk şäher meselesini (aýdalyň, ilatly nokadyň golaýynda ullakan himiýa zawody gurulýarmyşyn) ara alyp maslahatlaşmasy birnäçe düzgünleri formirleýär.

1.Ara alyp maslahatlaşmanyň başynda ýörite anketany ýa-da auditoriýa ýüzlenmäni çap etmeli.

2.Köpçülikleýin auditoriýanyň ara alyp maslahatlaşmasynyň ygtyýarlylygynyň onuň maglumat bilen üpjün ediş derejesine baglydygyny göz öňüne tutmak gerek.

3.Ara alyp maslahatlaşmaklyga ilatyň dürli gatlaklaryny we toparlaryny höweslendirmek gerek.

4.Ara alnyp maslahatlaşylýan sorag boýunça redaksiýa gelýän hatlaryň akymyny sazlaşdyrmaly we höweslendirmeli.

5. Poçta seljerilende sosiologiki usullary ulanmaly.

6. Şunda, hatlaryň awtorlarynyň gurluş düzüminiň ilatyň gurluş düzümine deň däldigini göz öňüne tutmak we degişli düzedişleri girizmek gerek.

7. Okyja kiçijik soraglary yzygiderli çap etmek arkaly, jedeliň barşyny yzarlap durmaly.

8. Jemini jemlemek üçin, beýleki soraglary we usullary hem ulanmak mümkin.

## Galamgäriň sosiologiki pikir ýöredişi

Sosiologiki pikir ýöretmeklik – bu, giň gerimde pikirlenmek diýmekdir, durmuşy gurluşyň, durmuşy özara hereketleriniň we durmuşy wakalaryň çylşyrymlydygyna, köpgurluşlydygyna düşünmekdir, ähli zatlara depginleýin görnüşde seretmekdir. Mysal üçin, Çeçenistandaky urşuň aňyrsynda näme ýatyr? Pulmy? Elbetde. Orsyýetiň bütewiligini saklap galmak üçin ýüze çykan syýasy meselemi? Gürrüňsiz. Çeçen ekabyrlarynyň aýrylyşmak keýpimi? Bu-da bar. Ol ýerde dini gapma-garşylyk barmy? Muňa ýok diýmegem bu meselä juda ýüzleý

garadygymyz bolar. Şeýle hem harbylaryň bähbitleri, kawkaz sebitine göz dikýän daşarky güýçleriň tasiri. Elbetde, çeçen halkynyň millet hökmündäki aýratynlygynyň, hüý-häsiýetiniň taryhy hakydasynyň hem bu zatlara täsir edýändigini hem aradan aýryp bolmaz. Bu zatlar Orsyýediň bütin taryhynda, aýratynam harby gapma-garşylyklarda ýüze çykyp geldi. Gysgaça aýtsak, gaty köp sanly mesele we sebäp çeçen urşuna alyp geldi, şol sebäpler belli bir derejede şu günki gün hem ol ýerdäki ýagdaýlary kesgitlemegini dowam etdirýär. Şonuň üçinem, Çeçenistan bilen bagly wakalary haýsydyr bir faktora baglamak galamgäriň öz hünärine ökde däldigini aňladyp biler.

Elbwetde, galamgär iň bir uly, seljeriji makalada hem faktorlaryň ähli jemini yzarlap bilmez, ol öz ünsüni haýsydyr bir takyk waka ýa-da ýagdaýa gönükdirmeli bolar. Ýöne, iň bir kiçijik maglumat bellikleri ýazylanda hem onuň köp gatlakly, syýasy – ykdysady, durmuşy, psihologik we ruhy meseleleriň buzdadygyna düşünmek möhümdir. Şonda, her bir söz, hatda hronikal maglumatda hem takyk we ýerlikli bolar.

Haçanda galamgär şu zatlaryň hemmesini göz öňüne tutmaklygy başarýan bolsa, onda, biz onuň

sosiologiki taýdan pikir ýöretmekligi başarýandygy barada gürrüň edýäris. **Sosiologiýa taýdan pikir ýöretmekligiň** esasy häsiýetlerini agzap bolar:

1.Konseptuallyk, öwrenilýän obýekti ulgamlaýyn seljermeklige we modelleşdirmeklige bolan ukyplylygy.

2.Gurluşlylyk, jemgyýetiň çylşyrymly gurluşyny köp toparlydygyny we köp gatlaklydygyny görmek we oňa düşünmek, durmuşy bölünişigiň we esasy toparlaryň esasy alamatlaryny tapawutlandyryp bilmek ukyby.

3. Dialektzm, durmuşy wakalary ösüşde görüp bilmek ukyby, jemgyýetçilik ösüşiniň esasy meýillerini düşündirmekligi başarmaly ýa-da başarmaklyga synanyşmaly, islendik hadysanyň dogluşy, ösüşi, gülleýşi, ölümi başdan geçirýändigine we täze bir görnüşe geçýändigine düşünmeli. Durmuşyň, medenýetiň hemişe aýlawly hereketdedigini göz öňüne tutup bilmeklik, ondan seljeriş arkaly peýdalanmaklygy başarmak, jemgyýetiň ýa-da durmuşy wakalaryň, prosesiň häzirki döwürleriň haýsysynda ýerleşýändigine synanyşmak ukyby.

4.Geçiş ýagdaýlary döwründe alymlar olary (bifurksiýalar diýip atlandyrypdyrlar) deňagramly däl sistemada, hatda iň bir gowşak yrgyldylara (fluktuasiýalar) hem güýçli uzaklara ýaň salyjy

üýtgeşmeler bilen jogap berýärler (mysal üçin, haçanda Orsyýetde Prezident saýlamak üçin, saýlawyň öň ýany telepublisist Dorenko saýlawa iki aý galanda Primakowyň we Lužkowyň reýtingini tas, nol derejesine çenli aşak düşürdi. Bu, ýurduň güýçli suratda çaýkanyp durandygy, deňagramly däldigi we köpçüligiň Orsyýetiň ösüşiniň geçiş döwründäki düşünjesi bilen baglydyr). Sinergetika, ýagny, sistemalaryň hut, şolar ýaly geçiş döwründäki ýagdaýyny, ýa-da guramaçylygyň haosdan, şu ýagdaýda sosial haosdan gelip çykyşyny öwrenýän ylym barada düşünje edinmek hem örän möhümdir.

5. Öňünden çen bilen çaklap bilmeklik ukyby, maksady görmek ukyby, hereketiň, ösüşiň prosesiň ýokary maksadyny aýratynlykda görüp bilmek ukyby, şol maksadyň häsiýetini, onuň ugruny umumy adamzat gymmatlyklaryna bap gelşini ýa gelmeýşini kesgitläp bilmek ukyby. Häzirki wagtda gymmatlyklar sistemasy öňe saýlanýar.

6. Milli kimlikleriň aýratynlyklary, dürli halklaryň gymmatlyklarynyň sistemasyny göz öňüne tutup bilmekligi başarmak ukyby, olary öz ýurduň gymmatlyklary bilen deňeşdirip bilmeklik ukyby.

7. Hadysalary we wakalary, köp taraplaýyn öwrenmek ukyby, dürli meýilleri, dürli ideýalary, dürli garaýyşlary seljerip bilmek ukyby, dünýäniň çylşyrymly halyna we köpdürlüligine düşünip bilmek ukyby.

8. Obýektiwlik, bolup geçýän wakalaryň daşky görnüşlerine garap, olaryň özeninde nämeleriň ýatandygyny bilmek, sözleriň, şygarlaryň aňyrsynda olaryň esasy äheňlerini we edýän hereketleriniň sebäplerini bilmek ukyby, syýasy liderleriň, syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik hereketleriniň, ykdysady we ruhy ekabyrlarynyň esasy maksatlaryny bilmeklige synanyşmak ýa-da seljerip bilmek ukyby.

9. Gözlegleriň subutnamalar, deliller, seljerişler bilen üpjün edilmegi we onuň netijeleriniň ýeke bir meseläniň galamgärçilik gözlegleri, barlaglary netijesinde, sosiologiki maglumatlaryň esasynda alnan abraýly, obýektiw maglumatlara daýanmak arkaly jemlenilmedi.

10. Gözlegleriň usullary ylmy we öwrenilýän obýektiň tebigatyna laýyk, ýagny, ynamly, hakykata golaý, abraýly bolmaly. Galamgär galamgärçiligi ulanmaklygyň esasy kanunalaýyklyklaryna düşünmeli.:KHS sosiumyň iň möhüm bölegi bolup

durýar, ol hemişe hereket edip duran damar urgusy, hemişe hereketdeligi, sazlaşyklylygy, ähli ýere baryp ýetýänligi we köptaraplaýynlygy üçin, onuň täsiri örän uly, şonuň üçinem, galamgärçilik hünäriniň jogapkärçiligi-de ummasyz uly bolup durýar.

## KHS-däki sosial barlaglaryň jemleri baradaky çapnama

Sosiologiýa ylmy we tejribesi **çapnama bolan taraplaryň** birnäçesini işläp düzdi, olarda empiriki gözlegleriň netijeleri barada habar berilýär ýa-da seljerilýär. Onda şular bolmaly:

1.Bellenen gözlegiň temasy, mümkin bolsa onuň meseleleri;

2.Barlag geçiren guramanyň ady;

3.Barlagyň geçirilen wagty;

4. Sowal-jogap üçin saýlanyp alnanlaryň mukdar ölçegleri (mysal üçin soralanlaryň sany ýa-da seljerilen çapnamalaryň sany);

5. Sowal-jogap üçin saýlanyp alnanlaryň hil ölçegleri, gözlegiň çäk gerimi (mysal üçin, bütintürkmen barlagy, Ahal welaýatynyň Tejen şäheriniň ilatynyň pikirini öwrenmek, Aşgabat şäheriniň talyplary bilen sorag-jogap alşygy);

6.Maglumatyň haýsy usul arkaly alnany.

Egerde, çapnama dolulygyna barlagyň netijelerine bagyşlanan bolsa, onda, şu talaplaryň ýerine ýetirilmegi hökmanydyr. Eger, käbir sanlar getirilen bolsa ýa-da kiçiräk bir çykgyt bar bolsa, onda, olar bölekleýin gysgaldyp bilner. Şeýle bolsa, maglumatyň alnan çeşmesine salgylanmak ýeterlikdir. Seýrek halatlarda guramanyň ady we seçimiň ölçegleri bilen çäklense bolar.

KHS-däki çapnamalaryň seljerilişi ýokarda agzalan talaplaryň ýygy-ýygydan bozulýandygyny görkezýär. Geliň, seçim boýunça 2004-nji ýylyň birnäçe çapnamalaryny alyp göreliň.

Sosiologiki maglumatlar bilen ýeterlik derejede sypaýy işleşýän we orsyýediň jemgyýetçilik pikirin öwrenmek boýunça işleýän merkeziniň gözlegleriniň synlaryny yzygiderli çap edýän gazetleriň biri “Izwestiýadyr”. Ýöne, hatda şonda-da barlagyň tarapyndan we haýsy seçimde geçirilendigini bilip

bolmaýan çapnamalara duş gelmek bolýar. Ine, biziň öňümizde 2004-nji ýylyň 4-nji martdaky diagrammasy. “Haýsy harytlaryň we hyzmatlaryň hili boýunça alyjalarda şikaýat bar?” 1995 - 2003 -nji ýyllarda, şikaýata degişli dürli hyzmatlary saýlap alanlaryň göterimi sanalypdyr we çeşmesi berilipdir: Orsyýediň alyjylar birleşigi ýöne, barlagyň kimiň geçirendigi, oňa näçe adamyň gatnaşandygy belli däl. Şol pikir ähli orsyýetlileriňkimi? Haýsydyr bir sebitiň ýaşaýjylarynyňkymy? Belki-de şäherlileriňkidir? Ýönekeý okyjy şu maglumatyň yzyna düşüp Orsyýediň alyjylar birleşigine gitmese gerek. Maglumatyň obýektiwdigi barada okyjy pikir eder ýaly, gazet iň bolmanda şolar ýaly ujypsyzja maglumatlary bir çap etmeli ekeni.

“Nowaýa “Izwestiýa” 2004-nji ýylyň 24-nji sanynda “Kanagatlanarly netije” atly makala ýerleşdirýär. Bu makala çeçen gyzyny öldüreni üçin suda çekilen polkownik Budanow barada. “Nowaýa “Izwestiýanyň” saýtynda geçirilen sosiologiki sowal-jogabyň netijeleri diagramma görnüşinde getirilipdir. Ýöne, bu ýerde hem internet-barlaga näçe adamyň gatnaşandygy aýdylmandyr, şeýle-de, munuň ähli orsyýetlileriň pikiri däldigini, diňe

kimde Internet bar bolsa, kim “Izwestiýanyň” saýtyna girip bilýän bolsa, kimiň şol soraga jogap bermäne mümkinçiligi bar bolsa, şonuň pikiridigi habar berilmändir.

“Wremýa nowesteý” gazeti 2004-nji ýylyň 24-nji sentýabryndaky sanynda “Jemgyýetçilik pikiri” atly rubrikasynyň astynda, Kseniýa Weretennikowanyň “Halk – saýlawçy” atly kommentariýasyny çap edipdir. Onda, W.W.Putiniň sebitleriň ýolbaşçylaryny kanunçylykly ýygnaklar tarapyndan, prezidentiň teklibi boýunça tassyklamak barada WSIOM tarapyndan geçirilen sowal-jogabyň netijeleri seljerilýär. Ol ýerde sowal-jogaba kimleriň gatnaşandygy aýdylmasa-da, aýan edilen pikiriň orsyýetlileriňkidigi aýdylýar. WSIOM-yň abraýly umumy orsyýet seçiminde işleýändigi hemmä mälim. Çapnamada orsyýetlilere berilen soraglaryň hemmesiniň formulirowkalary dolulygyna berilipdir. Galamgär WSIOM-yň wekilini gürrüňçilige çekýär we barlagyň netijeleri boýunça öz çözgüdini çykarýar. Maglumatyň berilişi we seljerilişi sosiologiýa taýdan alanyňda örän sowatly görünýär.

“Nowaýa gazeta” (2004. №24) “Uçuşlar barada düşünişmekmi ýa ýöne düşünişmekmi?” atly

makalasynda Arhangelskiý we Rýazan oblastlarynyň gubernatorlygyna kandidantlar babatda WSIOM-yň netijelerini, şeýle hem FAPSI-yň Altaý ülkesi boýunça saýlawyň hakyky netijeleri bilen deňeşdirilen çaklamalaryny seljerýär. Çaklama bilen hakyky ses berlişiniň arasyndaky gabat gelmezlik örän uly. FAPSI hususan-da, Mihail Ýewdokimowyň gubernatorlyga saýlanmaklygy babatda gaty uly ýalňyşlyk goýberilýär:ol oňa bary-ýogy 17% sesiň beriljekdigini öňünden aýdypdyr, emma, Ýewdokimow üçin saýlawçylaryň tas, 50%-i ses berdi, bu bolsa oňa Altaý ülkesiniň gubernatory wezipesini eýelemeklige mümkinçilik berdi. FAPS -niň haýsy gözleglere salgylanandygy, haýsy seçime daýanandygy çapnamada görünmeýär, şeýle hem çaklama bilen hakyky saýlawyň aratapawudynyň näme üçin beýle uludygy hem düşnüksiz bolup galýar. Egerde galamgär şu netijeler bilen gyzyklanyp, onam öz makalasynda getiren bolsady, onda, çaklamanyň ýalňyş çykmagynyň sebäbi babatda has çuň seljermeleri geçirip bolardy.

Şeýlelikde, tejribe ýüzünde geçirilen (empiriki) gözlegleriň netijeleriniň sosiologiýa taýdan sowatly edilip jemlenmeginiň talaplaryna eýermeklik, galamgärçilik çapnamalarynyň täsirini gürrüňsiz ýokarlandyrýar we

halka aýan edilen durmuşy hakykatlaryň obýektiwligine bolan ynamy ýokarlandyrýar (ýa-da tersine).

## Sosiologiki gözlegleriň gurluşy
## Sosiologiýa gözlegleriniň etaplaryny bilmekligiň galamgärler üçin möhümligi

Sosiologiýanyň – durmuşy wakalary, onda bolup geçýän üýtgeşmeleri, hereketleri, obýektleri, meseleleri öwrenmekligiň usuldygyny, usulyýetdigini ýatda saklamak gerek. Islendik galamgäriň, goý, ol hiç haçan sosiologiki barlaglary geçirmejek hem bolsa, gözlegiň maksatnamalaşdyrylyşyny bilmegi, gözlegiň talap edýän hysyrdylary bilen tanyş bolmagy gerek. Şeýle hem, durmuşy hadysalary, wakalary bilmeklik, olar bilen hemişe iş salyşyp durmaklyk onuň işi baradaky düşünjesini çuňlaşdyrýar, egerde ol, şol işleri ýeke bir galamgärçilik usullary bilen däl-de, sosiologiýada bar bolan ylmy çemeleşmeler arkaly alyp barsa sowatlylygy has hem çuňlaşar. Sosiologiki barlaglaryň

maksatnamalarynyň gurluşy bilen tanyşmaklyk galamgär üçin has hem peýdalydyr.

Ýöne, sosiologiki gözlegleriň gurluşyny bilmeklik, redaksiýanyň sosiologiki firma gözleg geçirmekligi buýurýan ýa-da öz auditoriýasyny öwrenmekligi özi meýilleşdirýän halatynda, ýa-da galamgäriň öz ýazýan ýa-da surata düşürýän meselesi boýunça sowal-jogap geçirýän halatynda hem zerur bolup durýar.

Sosiologiki barlaglaryň tapgyrlary şulary öz içine alýar:

1.meseläni öňünden öwrenmek;

2.maksatnamalaşdyrmak;

3.gatnaşjaklary seçip almak;

4.gözlegiň gurallaryny işläp düzmek;

5.gözlege gatnaşjaklary iş bilen tanyşdyrmak;

6.meýdan resminamalaryny pilotirlemek – synag barlagy;

7.meýdan gözlegleri;

8.maglumatlary kodlaşdyrmak;

9.maglumatlary kodlaşdyrmak;

10.maglumatlaryň üstünde işlemek;

11.alnan maglumatlary seljermek;

12.hasabaty, barlag boýunça beýleki çapnamalary, şol sanda metbugatda taýýarlamak.

Sosiologiki barlaglaryň tapgyrlary boýunça edebiýat diýseň köp. Bu barada sosiologiýa boýunça okuw kitaplarynyň işlenendiginden okap bolar. Öňi bilen W.A.Ýadowyň “Sosiologiki gözlegleriň strategiýasy” atly kitabyndan peýdalanmaklygy maslahat berýäris. Ýöne, biz bu ýerde galamgärçilik sosiologiýasyna ýanap şol tapgyrlaryň hersi barada jikme-jik gürrüň ederis.

## Gözlegi maksatlaşdyrmaklygyň aýratynlygy

Maksatnamalaşdyrmakdan, ýagny, gözlegiň proýektini, modelini düzmekden başlalyň. **Gözlegiň maksatnamasy** (W.A.Ýadow boýunça) – bu, onuň nazary –usuly sebäpleriniň (umumy taglymatyny) edilýän işleriň esasy maksatlaryna we gözleg gipotezalaryna laýyklykdaky beýanydyr. Munda, düzgünleriň proseduralary görkezilýär, olary barlamak üçin edilýän işleriň yzygiderlilik mantygy yzarlanýar.

Sosiologiki barlaglarda bu tapgyr örän möhüm, çünki, ol gözlegiň obýektini, predmetini, maksadyny we meselelerini kesgitleýär – bu, maksatnamanyň usuly bölümini düzýär we maksatnamanyň prosedura bölümini, hakyky mazmunyny, usulyny we iş meýilnamasyny göz öňüne tutýar.

Maksatnama – bu gözlegiň modelidir, munda onuň ähli bölekleri özara baglanyşmaly we gözlegiň maksadyna baglylykda takyk oýlanylan bolmaly, bu bolsa, öz gezeginde gözlege bolan buýrmalara bagly bolup durýar we esasy meseläni çynlakaý öwrenmek arkaly durmuşa geçirilýär.

Şeýlelikde, **maksatnamanyň gurluşy:**

Usuly bölüm

—meseläniň obýekti we predmeti

—Gözlegiň obýekti we predmeti

—maksatlary, meseleleri

—Usuly salgylanmalar we düşünjäniň kesgitlenişi

—Gipotezalar (ýazuw we düşündiriş)

**Prosedura bölümi**

—Seçip almaklygyň esaslandyrylyşy

—Gözlegiň mazmuny

—Gözlegiň usullary we proseduralary (sowal-jogap, kontent – seljeriş, sosiologiki gözegçilik, eksperiment)

—Gurama, gözlegiň iş meýilnamasy (gözlegi kim alyp barýar, haçan, nähili güýçler, serişdeler arkaly alyp barýar, gözlegiň netijeleri nähili görnüşde berilýär)

MDU*-nyň galamgärçilik fakulteti tarapyndan “Literaturnaýa gazetanyň” auditoriýasyny barlamak üçin taýýarlanan maksatnamanyň mysalynda, maksatnamanyň elementleriniň hersine aýratynlykda, jikme-jik garap geçeliň. Bu barlag, 70-nji ýyllarda geçirilendigine garamazdan, belli bir derejede tymsaly iş bolup durýar we takyk bir maglumat guramasynyň barlagyny geçirmekligiň aýratynlygyny we mümkinçiligini görkezýär.

*Seret: “Literaturnaýa gazeta” we onuň auditoriýasy – M., 1978.

## Meseläniň goýluşy

Her bir barlag (ýeke bir sosiologiki däl, eýsem galamgärçilik barlagy hem), jemgyýetde ýa-da onuň haýsydyr bir bölüminde **amaly meseläniň,** ýagny, haýsydyr bir durmuşy gapma-garşylyklaryň ýüze çykmagy bilen baglydyr, bu, bolmaly zat bilen hakykat ýüzünde bolan zadyň aralygynda döreýändir. Mysal üçin, birnäçe ýiti, durmuşy meseleleri agzamak mümkin: garyplyk, işsizlik, neşekeşlik, arakkeşlik, göwnüçökgünlik, ertirki güne bolan ynamsyzlyk we ş.m. şu meseleleriň hemmesi barlagyň predmeti bolup bilerler.

Meseläni öňünden öwrenmeklik – sosiologiki we galamgärçilik barlaglarynyň iň möhüm tapgyrydyr. Onuň çeşmeleri dürli-dürli bolup biler: şu tema boýunça eýýäm geçirilen sosiologiki barlagyň maglumatlary, internet – çeşmeler, metbugat, ylmy edebiýat, ekspertler we waka gatnaşyjylar bilen geçirilýän gürrüňler we ş.m.

Maksatnama barlaga degişli mesele ýazylyp beýan edilýär we ýeke bir predmetiň däl, eýsem ylmy (gnoseologiki, öwrenilýän)mesele hem formirlenýär, ýagny, haýsy maglumat belli we haýsyny barlagyň netijeleri boýunça almaly. Ylmy mesele biziň

**bilmeýändigimizi bilýänimiz** hökmünde formirlenýär, ýagny, düzgün bolşy ýaly biz öz saýlap alan problemamyz babatda nämäni bilmeýändigimizi aňýarys.

Mysal üçin, çagalaryň gözegsizligi baradaky hakykat bize belli, ýöne, nämäniň şoňa eltýändigi baradaky faktorlaryň hemmesini bir ýere jemlenen görnüşinde bilmeýäris. Egerde, gürrüň auditoriýanyň barlagy barada barýan bolsa, onda, düzgün bolşy ýaly, problema redaksiýanyň onuň baradaky bilýänleri hem-de bähbitleri bilen auditoriýanyň maglumatlar babatda özüni alyp barşynyň hakyky häsiýetnamasynyň arasyndaky näläýyklykda bolardy. Diýmek, auditoriýany barlamaklygyň maksatnamasyndaky ylmy problema, şol nälaýyklygyň faktoryny düşündirmekligiň zerurlygy hökmünde formirlener.

“Lituraturnaýa gazetanyň” barlagynda, onuň işgärleriniň MDU-nyň galamgärçilik fakultetine “JG”-nyň auditoriýasyny barlamak üçin beren durmuşy buýurmasy, redaksiýanyň özüniň şondan aňyrky ösüşiniň gelejegini kesgitlemek, özüniň haýsy auditoriýa üçin işlemelidigini kesgitlemek, okyjysynyň özünden nämä garaşýandygyny bilmek zerurlygynyň öňünde keserip durandygy bilen baglydy. Bu, göze görnüp duran problemady.

Problemalaýyn ýagdaýy öwrenmeklik redaksiýanyň işgärleri tarapyndan sowal-jogap esasynda standartlaşdyrylan interwýu we “LG”-nyň 1972-1973ýý., mazmunyna syn bermek usulynda şeýle-de, 1968-nji ýyldaky “LG”-nyň auditoriýasyny öwrenmek boýunça geçirilen sowal-jogabyň netijeleri bilen tanyşmaklygyň netijesinde geçirilipdi.

“LG” 70-nji ýyllarda iň köp okalýan, ýokary bilimli adamlaryň höwes edip okaýan auditoriýasyna öwrülen gazetdi. Bu onuň gyzyklylygy, problemeny goýup, gozgap we çözüp bilýändigi, ýeke bir içki, edebi meseleri däl, eýsem iň bir ýiti, durmuşy meseleleri hem orta atyp bilýändigi bilen baglydy. Şolar ýaly ýiti makalalar beýleki neşirlerde ýa-da düýbünden gozgalmaýardy, ýa-da öz statusyna, partiýanyň organy bolanlygyna görä, örän dar çäkde berilýärdi. “LG” partiýanyň däldi, ol ýazyjylar guramasynyň organydy we onuň mümkinçiligi uludy. Partiýa guramalary jemgyýetçilik pikiriniň, intelligensiýanyň pikiriniň jemgyýete “bug goýbereri” ýaly şeýle guramanyň gerekdigine düşünýärdiler.

Ýöne, şolar ýaly ýagdaý sebäpli “LG” özüniň okyjylary we hormat goýujylary bilen bilelikde has giň gatlaklara siňip başlady. Redaksiýa özüniň auditoriýasyny

giňeltmek isleýandigine ynanmaýardy. Bu, onuň hemişelik okyjylarynyň belli bir böleginiň “LG” bolan höwesiniň gaçyp başlandygy bilen baglydy, çünki, gazetde gozgalýan meseleleriň hereketsizligi durmuşa geçirilmeýändigi, geçirilýän jedelleriň “emeliligi” zerarly haýsydyr bir ýadawlyk peýda bolupdy.

Başga bir tarpdan, täze okyjylar üçin meseläniň ara alyp maslahatlanyş derejesi doly suratda elýeterli däldi. Gysgaça aýdylanda, “LG”-nyň “täze” we “köne” auditoriýasy üçin problemalary çap etmekligiň bähbitleriniň we usullarynyň arasynda gapma-garşylyk ýüze çykan ýaly boldy. Redaksiýa bolsa haýsy ýol bilen gitmelidigini aýgyt edip bilmeýärdi: özüniň hemişeki intelligentlerden we ähtibarly adamlardan ybarat auditoriýasy bilen işlemelimi ýa-da täze taglymata geçmelimi? Ilatyň has giň gatlagyny öz auditoriýaň hasap etmelimi?

Ine, şu hakyky gapma-garşylyk hem redaksiýa üçin esasy problema bolup galdy. Ine, hut şu hem “LG”-nyň hakyky okyjysynyň kim bolmalydygyny çözmeli barlagçylaryň öňünde ylmy, barlag problemasyny keserdip goýdy.

## Barlagyň obýekti we predmeti

**Barlagyň obýekti** diýip, anyk durmuş gapma-garşylygyna, esasy jedelli ýagdaýa aýdylýar. Adatça bu anyk durmuş toparlarydyr, çünki, düzgün bolşy ýaly, anyk meseleler şolar bilen baglylykda ýüze çykýar we şolaryň durmuşynda şöhlelenýär.

**Barlagyň predmeti** diýip, obýektleriň anyk barlagyň barşynda öwreniljek häsetnamalaryna we alamatlaryna aýdylýar.

Mysal üçin, siz çaga idegsizligi meselesini öwrenýän  we bu babatda maglumat edinmek üçin sorag-jogap alyşýan bolsaňyz, onda idegsiz çagalar barlagyň obýekti, olaryň düzümi we häsiýetnamalary, şol sanda düşen ýagdaýlaryna olaryň özüniň garaýşy hem-de olaryň köçede galmaklarynyň sebäpleri onuň predmeti bolar.

## Barlagyň maksatlary hem-de wezipeleri

**Barlagyň maksady** diýip, anyk netije alynmagyna, ýagny, barlagyň meýilnamalaşdyrylýan netijesine aýdylýar. Maksat barlagyň anyk **wezipelerinde** amala aşyrylýar.

Gürrüňi idegsiz çagalar bilen baglylykda dowam etdireliň. Barlagyň maksady idegsiz çagalaryň düzümini we esasy häsiýetnamalaryny, olary köçä alyp gelen sebäpleri öwrenmekden ybarat bolup biler. Anyk wezipeleri bolsa aşakdaky ýaly edip beýan etmek mümkin:

1. Idegsiz çagalaryň durmuş-demografik häsiýetnamalaryny: jynsyny, ýaşyny, bilim derejesini, ýaşaýan ýerini, öýleriniň bardygyny ýa-da ýokdugyny hem-de şuňa meňzeşleri anyklamak;

2. Maşgala ýagdaýyny (ene-atasynyň, beýleki maşgala agzalaynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny), garyndaşlarynyň saglyk ýagdaýyny kesgitlemek;

3. Idegsiz galmaklarynyň esasy sebäplerini öwrenmek;

4. Durmuşda nämä ýykgyn edýändiklerini we kynçylyklaryny çözmegiň ýollary baradaky düşünjelerini anyklamak.

## Usulyýet esaslary we düşünjelere kesgitleme bermek

Usulyýet esaslary, barlagyň esaslary bilen bagly maksatnamanyň bir bölegi, düýpli barlaglarda bolşy ýaly, giňişleýin ýa-da amaly barlaglarda bolşy ýaly, gysgaça häsiýete eýe bolýar. Ýöne, jikme-jik beýan ediş derejesinde bolmasa-da, iň bolmanda barlag alnyp barylmakçy bolunýan usulyýet, durmuş we ylmy esaslara akyl ýetirme we düşünme derejesinde bu diňe bir durmuş hadysalaryny öwreniji alym üçin däl, eýsem, haýsydyr bir çynlakaý durmuş meselesini beýan etmekçi bolýýan žurnalist üçin hem möhümdir.

Barlagda ulanylýan düşünjelere kesgitleme bermek – bu möhüm bir iş bolup, bu iş bilen meşgullanylanda, barlagçylaryň maksatnamada ulanylan adalgalaryň nämäni aňlatýandyklaryna we düşünjeleriň tejribä esaslanýan manylarynyň nähilidigine düşünmelidikleri göz öňünde tutulýar.

**Düşünjeleriň tejribä esaslanýan manylarynyň gözlegine** tejribä esaslanyp many çykarma, tejribe bilen bagly degişli alamatlaryň beýan ediliş kadalaryny görkezmek arkaly bu düşünjelere kesgitleme bermäge-de amaly häsiýetli kesgitleme diýýärler.

Mysal üçin, idegsiz çaga diýip kime aýdylýar? Ol ene-atasyz, ýöne öýi-öwzary bar bolan çagamy? Ýa-da ol ene-atasy bar bolsa-da, häzirki pursatda ýaşara jayý bolmadyk (ene-atasyndan gaçyp gaýdan ýa-da ene-atasy tarapyndan kowlan, ýa bolmasa, ene-atasynyň içgä özlerini aldyrandyklary sebäpli, olaryň ýanynda ýaşap bilmeýän) çagamy? Ýa bolmasa, ol ene-atasy-da, ýaşara jay-da bolmadyk çagamy? Bu soraglary ýene-de uzaltmak mümkin. Barlagyň obýekti, predmeti, aýratyn hem sogag bilen anyk kime, nähili häsiýetli çagalara ýüz

tutjakdygyňyz şu düşünjä berjek kesgitlemäňize bagly bolar.

## Caklamalar

Maksatnamany dvzmegiq ikinji tapgyry – bu **barlag bilen bagly caklamalary**, ýagny, durmuş hadysalarynyň arasyndaky baglanyşylaryň gurluşy we häsiýeti, meseleleri çözmegiň mümkin bolan ýollary, barlaglaryň indi barlanmaly netijeleri hakdaky esasly çaklamalary beýan etmekden ybaratdyr. Bu barlagyň tutuş barşyny tertibe saljak esasy usulyýet guralydyr. Çaklamanyň beýan edilmegi diňe bir durmuş hadysalaryny öwrenmäge gatnaşýan sosiolog ýa-da redaksiýanyň işgäri üçin däl, eýsem, žurnalist üçin hem möhümdir. Çünki, haýsydyr bir durmuş meselesini öwrenmäge girişmezden, magumat ýygnamaga başlamazdan öňürti, dorudyklaryny barlap görmek üçin, käte biri-birlerine gapma-garşy bolan birnäçe çaklamany öňe sürmek maksadalaýykdyr. Ýöne, elbetde, sosiologik barlagda-da, žurnalistiň alyp barýan barlagynda-da,

maglumatlary başda öňe sürlen çaklamany dogry çykarjak bolmaga zorlamaly däl. Biz bu ýerde barlagyň barşyny tertipleşdirmäge kömek berýän gural hökmündäki çaklamadan söz açýarys.

Çaklamalar beýan ediş häsiýetli we düşündiriş häsiýetli diýlip iki topara bölünýär. Beýan ediş häsiýetli çaklamalar wakalary we hadysalary beýan etseler, düşündiriş häsiýetli çaklamalar wakalaryň we ýagdaýlaryň sebäplerini ýüze çykarmaga gönükdirilendir.

Mysal üçin, idegsiz çagalar hakda barlag alnyp barlanda, bu hadysanyň esasy sebäbiniň magala betbagtlygydygy (alkogolizm, neşekeşlik, beýleki durmuş meseleleri we keselleri) hakdaky çaklama esaslanylyp bilner. Çaklamalar birnäçe-de bolup biler we adatça şeýle-de bolýar.

## Maksatnamanyň işiň gidişi bilen bagly bölegi

Maksatnamanyň bu böleginde iş ýüzünde haýsy obýektleriň öwreniljekdigi belli edilýär. Bu barada indiki bölümde jikme-jik gürrüň ederis.

## Barlagyň mazmuny

Maksatnamanyň bu böleginde öwrenilmäge degişli alamatlar jikme-jik beýan edilýär. Maksatnamada barlagyň mazmuny jikme-jik beýan edilen halatynda, sorag-jogap kagyzynda wezipelerde belli edilen möhüm soraglaryň biriniň hem ýatdan çykarylmajakdygyndan arkaýyn bolup bolar. Şonuň ýaly-da, şeýle edilende, sorag-jogap kagyzynda sorag-jogabyň wagtyny uzaldýan we netijeleri gaýtadan gözden geçirmek üçin edilýän çykdajylary artdyrýan artykmaç soraglar ýer almaz.

## Barlagyň usullary we onuň barşy

Maksatnamanyň indiki bölegi barlagyň, oňa gatnaşýan alymlar toparynyň maksatlaryna we mümkinçiliklerine laýyk gelýän usullarynyň we barşynyň beýanyndan ybaratdyr. Bu usullar (content-derňew, sosiologik gözegçilik, synap görmek) hakda biz okuw kitabynyň degişli bölümlerinde gürrüň bereris.

## Barlagyň guralyşy we iş meýilnamasy

Maksatnamanyň tamamlaýjy bölümi: “Barlagy kim, haçan, haýsy güýçleri we serişdeleri ulanyp geçirýär? Barlagyň netijeleri nähili görnüşde berilýär?” diýen soraglara jogap bermelidir. Bu ýerde barlagy geçirýän guramanyň, onuň ýolbaşçylarynyň we barlaga gatnaşýanlaryň atlary (ýa-da olaryň sany), işleri geçirmegiň möhleti (köplenç anyk senesi, alnyp barylýan işleriň we olary geçirmek üçin jogapkär adamlaryň atlary görkezilen ýyllyk meýilnama), barlagyň çmetasy, maglumatlary gaýtadan işlemegiň usuly we onuň

netijeleriniň nähili görnüşde beýan ediljekdigi görkezilýär.

## Saýlap almak wekilçiligiň esasy hökmünde

### Wekilçilik düşünjesi

Sosiologik barlaglara haýsydyr bir görnüşde galtaşygy bolan islendik adamyň bilmegi zerur bolan üç sany düşünje bilen,ýagny, **esasy köpçülik**, **saýlanyp alnyýan köpçülik**, **wekilçilik** düşünjeleri bilen tanyş bolalyň.

**Esasy köpçülik** – bu barlagyň obýektiniň maksatnama tarapyndan kesgitlenilen hemme birlikleridir. Eger-de biz jemgyýetçilik pikiriniň tutuş ýurdumyz boýunça soralmagyndan söz açýan bolsak, onda bu ýurdumyzdaky ulu ýaşly adamlaryň hemmesini öz içine alardy. Aşgabadyň talyplarynyň arasynda şunuň ýaly sorag-jogap geçirenimizde bolsa, bu ýerdäki talyplaryň jemi esasy köpçüligi emele getirerdi.

**Saýlanyp alynýan köpçülik** – bu esasy köpçüligiň bir bölegi bolup, şu topara girýänler gönüden-göni öwrenilýär, ýagny, bulara sorag bilen ýüz tutulýar ýa-da olara sorag-jogap kagyzy gowşurylýar. Şunuň netijesinde alnan maglumatlar content-derňew we öuňa meňzeş usullar arkaly öwrenilýär.

Käte saýlanyp alynýan köpçülik esasy köpçülige deň bolýar. Mysal üçin, uniwersitetiň žurnalistika fakultetiniň birinji synp talyplarynyň hemmesi bilen sorag-jogap alyşylmak islenilýän bolsa, onda bu talyplaryň jemi saýlanyp alnan köpçülik bolmak bilen bir wagtda, esasy köpçülik hem bolardy. Ýöne adatça ol esasy köpçülikden az, käte bolsa hatda onlarça we ýüzlerçe esse az bolýar. Mysal üçin, sosiologik barlaglar umumyhalk barlaglarynda, bu maksat üçin 1,5-2 müň adamy saýlap almagyň ýeterlikdigini subut etdi. Eger bu adamlar oňat edilip, dogry hem-de wekilçilik esasynda saýlanylyp alnan bolsalar, bu sorag-jogap tutuş halkymyzyň pikiri barada dogry düşünje berip biler.

Diýmek esasy zat – bu saýlanyp alynýan köpçüligi dory edip saýlap almakdyr. Munuň üçin näçe adam saýlap almalydygy barlagyň maksatlaryna, barlagyň obýektiniň

aýratynlygyna we birsydyrgynlyk derejesine, öwrenilmekçi bolunýan toparlaryň böleklere bölünişine hem-de olaryň wekilçiliginiň meýilnamalaşdyrylýan derejesine bagly bolýar.

Wekilçilik – bu saýlanyp alynýan köpçüligiň esasy köpçüligiň esasy häsiýetnamalaryna kybapdaşlygydyr, barabarlygydyr. Eger ilatyň düzüminde zenanlar 55% we erkekler 45% bolsa, onda saýlanyp alnan köpçülikde-de şunuň ýaly gatnaşyk saklanmalydyr. Ýaş, hünär, ýaşalýan ýeriň görnüşi we şuňa meňzeşler barada-da şony aýtmak mümkin. Gepiň keltesi, saýlanyp alnan köpçüligiň konfigurasiýasy esasy köpçüligiň konfigurasiýasyna gabat gelmelidir. Muny aşakdaky suratyň kömegi bilen hem aňlatmak mümkin

Sosilogik barlagda iň esasy zat – saýlanyp alnan köpçüligiň wekilçiligidir, çünki, alnan netijeleriň anyk we dogruçyl bolmagy hut şunuň bilen baglanyşyklydyr. Saýlanyp alynýan köpçülik dürli ýollar bilen emele getirilip bilner. Ýöne onuň iki sany esasy görnüşi bolup, olara wekilçilikli hem-de wekilçiliksiz saýlap alma diýilýär.

## Wekilçilikli saýlanyp alynýan köpçülikler

**Saýlanyp alynýan köpçüligi ähtimallyk esasynda ýa-da tötänleýin saýlap almaklyk**, esasy köpçüligiň obýektleriniň islendigininiň saýlanyp alynýan köpçüligiň düzümine girmek ähtimallygynyň bardygyna esaslanýar. Saýlanyp alynýan köpçüligi ähtimallyk esasynda saýlap almagyň hem birnäçe görnüşi bar.

1. *Birsyhly saýlama*. Bu usul örän meşhur bolup, ol sosiologiki barlaglarda köp ulanylýar. Bu usual laýyklykda, saýlanyp alynýan köpçüligiň möçberine

baglylykda esasy köpçülikden N-nji (6, 20, 40 we ş.m.) obýekt saýlanylyp alynýar. Mysal üçin, biz saýlaw uçastoklarynyň biriniň uly öaşly ilatynyň arasynda sorag-jogap alyşýarys diýeliň. Saýlawçylaryň sanawyny elimize alýarys. Onda 10 000 adamyň ady barmyş. Bize bolsa şolardan 500 adamy saýlap almak gerek. Esasy köpçüligiň sanyny aňladýan 10 000-i saýlanyp alynmaly köpçüligiň sanyny aňladýan 500-e bölýäris. Bölmegiň netijesi 20 bolýar. Diýmek, sanawdaky her bir ýigriminji adamy saýlap almagymyz gerek.

2. *Bije çekmek ýörelgesi esasynda saýlama*. Bu usuly hemmeler hem bilýändir. Mysal üçin, Aşgabadyň köçelerinde barlag geçirmek isleýärsiňiz diýeli. Bir telpegiň içine bu köçeleriň atlary ýazylan kagyzlary atyp, köçeleriň näçesinde barlag geçirmek isleýän bolsaňyz, kagyzlardan şonçasyny çekýärsiňiz. Sebitler, ilatly nokatlar we ş.m. hem şunuň ýaly edilip saýlanyp alnyp bilner.

3. *Tötänleýin sanlar usuly esasynda saýlama*. Munuň üçin, saýlanyp alynmaly köpçüligiň sanyna görä, tötänleýin sanlaryň ýörite matematiki tablisalary düzülýär we öňünden bu san berkidilen obýekt saýlanylyp alynýar.

**Saýlanyp alynýan köpçüligi belli bir alamat (kwota) esasynda saýlap almaklyk** jynsy, ýaşy, ýaşaýan ýeri we ş.m.-ler boýunça belli bir alamata eýe bolup, göterim gatnaşygynda esasy köpçülige barabar bolan obýektlere laýyklykda ýola goýulýar. Diýeliň, biz kiçeňräk bir şäheriň ilatyny öwrenýäris we onda ýaşlaryň, orta ýaşlylaryň, garrylaryň, erkekleriň we aýallaryň,işleýänleriň we hapagadakylaryň (pensiýadakylaryň) göterim taýdan özara gatnaşyklaryny bilýäris. Biz sorag-jogap alyşmak üçin hem şonuň ýaly häsiýetnamaly adamlary edil şonuň ýaly göterim taýdan özara gatnaşyklarynda saýlap almaly bolarys. Saýlap almagyň bu usuly, wekilçilik derejesi boýunça, ätimallyk esasynda saýlap almak usulyna ýakyndyr.

**Belli bir ugur boýunça saýlap almak usulyny** belli bir alamat esasynda saýlap almak usulynyň görnüşi hasap etmek mümkin. Bu usuldan adatça sorag-jogap alşyljak ýer saýlanyp alnanda peýdalanylyp, bu işi amala aşyrmaly kişä işlemek üçin belli bir ugurlar bellenilip berilýär.

**Gatlaklaýyn saýlap almak usuly** adatça emeli ýagdaýda, barlaglaryň maksatlaryna laýyklykda,

öwrenilmäge degişli gatlaklaryň emele getirilmegine esaslanýandygy bilen belli bir alamat (kwota) esasynda saýlap almak usulyndan tapawutlanýar. Düzgün bolşy ýaly, bu gatlakalar san taýdan biri-birine deň bolýar. Gatlaklar tutuş köpçülige garanda birsyhly bolmalydyr. Mysal üçin, biz dürli neşirleriň: “Nesil”, “Türkmen dünýsi”, “Bereketli toprak” gazetleriniň okyjylaryny öwrenýäris diýeliň. Munuň üçin biz dürli neşirleriň okyjylarynyň deň gatlaklaryny, diýeliň, her neşiriň 200 sany okyjysyndan ybarat gatlaklary emele getirýäris.

**Etraplaýyn saýlap almak usulyndan** adatça etraplar öwrenilen mahaly peýdalanylýar. Şonda, köplenç, geografiki kartalar, ilatly nokatlaryň çyzylary (shemalary) we şuňa meňzeşler ulanylýar. Öwrenmek üçin belli bir etraplar saýlanylyp alynýar.

**Tapgyrlaýyn, öýjükleýin saýlap almak usuly** birlikler däl-de, öýjükler, birsydyrgyn toparlar (maşgala, önümçilik topary, talyplar topary, bir otagda oturyp, telewizora seredýän teletomaşaçylar, şäher etraplary we ş.m.) öwrenilende ulanylýar. Şunuň ýaly ýagdaýda adatça sorag-jogap alyşmak tutuşlaýyn görnüşde geçirilýär.

## Wekilçiliksiz saýlanyp alynýan köpçülikler

Wekilçiliksiz saýlanyp alynýan köpçülikler, düzgün bolşy ýaly, maksatlaýyn saýlap almalara degişli bolup, hilli barlaglar diýlip atlandyrylýan barlaglarda aýry-aýry obýektler çuňňur öwrenilende ulanylýar. Saýlamalaryň bu topary çap etmek üçin obýektleri saýlap almagyň žurnalistlik usullaryna has ýakyndyr. Geliň, bu saýlap almalaryň görnüşlerini beýan edeliň.

**Özakymlaýyn saýlap alma** wekilçilige dalaş etmeýär. Bu “köçede öňüňden ilki çykany” saýlap almakdyr. Žurnalistler köçede birnäçe adama sorag berip, haýsydyr bir möhüm mesele barada olaryň edýän pikirini bilmek islänlerinde, köplenç, şu düzgünden pepdalanýarlar. Teleýaýlymdaky interaktiw sorag-logap alyşmalarda, metbugatda, internetde sorag-jogap alşylanda saýlap almagyň özakymlaýyn usuly ulanylýar. Elbetde, şular ýaly barlaglaryň hetijelerini wekilçilikli we dogry hasaplamak asla mümkin bolmasa-da, olar haýsydyr bir garaýşy mälim etmek üçin käbir maglumatlary ýa-da anyk delilleri berýärler. Bu barlaglar aňtap görüji barlaglar hökmünde ulanylyp bilner.

Özakymlaýyn saýlap alma şunuň ýaly ýagdaýlarda sorag berlen adamlaryň özleri tarapyndan amala aşyrylyp, olar adatça barlagyň temasy bilen has beter gyzyklanýan,şonuň ýaly-da, berilýän soraglara jogap bermäge wagtlary bolan adamlardyr.

Tipologik saýlap alma usuly ulanylanda, tipiki obýektler tapawutlandyrylyp, soňra olar çuňňur ulanylýar. Mysal üçin, žurnalistler kiçiräk işiň başyny tutan tipiki telekeçi barada ýazanlarynda, şunuň ýaly saýlap alma bilen iş salyşýarlar. Umuman aýdanyňda, obýekt saýlap alýan žurnalist hemme halatlarda-da bu obýektiň özi ýaly obýektlere näderejede wekilçilik edýändigi barada oýlanmak peýdalydyr.

**Ýokary derejede köptaraplaýyn saýlap alma** usulynyň kömegi bilen meseläni dürli taraplardan öwrenmäge mümkinçilik berjek maglumatlaryň ýokary derejedäki köpdürlüligini üpjün edýän obýektler öwrenilýär. Mysal üçin, idegsiz çagalar meselesini öwrenen mahalymyz  žurnalistlik işinde gerek bolan maglumaty toplamak üçin, dürli maşgalalardan bolan, dürli ykbally, dürli ýaşdaky we bilim derejeleri dürli bolan çagalary saýlap alarys.

**Birmeňzeş (gomogen) obýektleri saýlap alma usuly** ulanylanda bolsa, tersine, birmeňzeş alamatlary bolan adamlar üns merkezide tutulyp, olaryň meýil bidirýän ugurlaryny we beýleki häsiýetnamalaryny öwrenmeklik maksat edinilýär.

**Zynjyrlaýyn saýlap alma usuly** adatça gözläp tapmak kyn bolan adamlaryň ykbaly öwrenilende ulanylýar. Şunuň ýaly ýagdaýda sorag berilýän kişilerden şu barlaga gatnaşyp biljek beýleki adamlaryň atlaryny aýtmaklary, salgyny bermekleri, adatça bolýan ýerlerini görkezmekleri haýyş edilýär. Adatça gözleg bu barlaga gatnaşmaga çekilýän kişiler täze bir zat aýtman, biri-biriniň aýdanyny gaýtalap başlanlarynda bes edilýär. Saýlap almagyň bu usulyndan habarly bolmak hem žurnalist üçin peýdalydyr, çünki, ol, köplenç, şu usulyň kömegi arkaly, ýagdaý barada has köp maglumat toplamak maksady bilen, öwrenilýän meseleden başy çykýan ýa-da onuň bilen bagly adamlary gözläp tapmaly bolýar.

Hakyky wekilçilikli barlagda bolsa, saýlap alma birbasganççakly däl-de, köpbasganççakly häsiýete eýe bolýar. Bu hususan hem umumymilli häsiýetli barlaglar

geçirilende şeýle bolýar. Şonda barlag üçin ilki sebitler, soňra ilatly nokatlar, soňra gerekli adamyň bolup biläýjek ýeri, soňra bolsa gerekli adamyň özi saýlanylyp alynýar.

Bir mysal getireliň. Diýeliň, Aşgabadyň talyplarynyň telegepleşiklere bolan garaýşyny öwrenmek gerek. Şu ýagdaýda saýlap almagy nähili amala aşyrarys? Biz ilki bilen barlagyň maksatnamasynda öz obýektimizi kesgitlemeli. Mysal üçin, biz dürli tipdäki: döwletiň üpjünçiligindäki we tölegli, ynsanperwer häsiýetli hünär berýän, tehniki hem-de şuňa meňzeş ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň pikirini öwremek barada kesgitli bir karara geldik diýeliň. Bize dürli synpdaky talyplaryň pikirini bilmek möhüm. Eger toparlaryň sany örän kän bolsa (mysal üçin, bizi köp ugurlar boýunça bilim berýän uniwersitetler we dürli-dürli ugurlara degişli institutlar, meselem, ykdysadyýet, medeniýet, oba hojalyk we beýleki institutlar gyzyklandyrsa), onda bu tipdäki ýokary okuw mekdepleriniň hemme toparlary saýlanylyp alynmalydyr.

Şonuň ýaly toparlaryň 20-sini saýlap alypdyrys diýeliň. Sosilogik topar boljak bolsa, ony hasyl edýän

adamlaryň sany 25-den az bolmaly däl. Diýmek, 20 x 25 = 500 adam bolýar.

Şu ýagdaýda biz gatlaklaýyn saýlap almak usulyny ulanyp bileris, ýagny, ýokary okuw mekdepleriniň her birinde talyplaryň belli bir mukdarynyň pikirini öwreneris.

Ýöne, ilkinji nobatda, bijäniň ýa-da tapgyrlaýyn saýlama usulynyň kömegi bilen, ýokary okuw mekdepleriniň özlerini saýlap almak gerek. Soňra ýokary okuw mekdepleriniň özünde ýene bijäniň ýa-da tipologik saýlama usulynyň kömegi bilen fakultetleri saýlap almaly, soňra her bir synpdaky talyplaryň sanawy boýunça,

tapgyrlaýyn saýlama usulyny ulanyp, fakultetlerde dürli synplaryň talyplarynyň pikirini öwrenmeli.

Biz saýlap almagy ýola goýmagyň we amala aşyrmagyň örän çylşyrymly we zähmeti köp talap edýän işdigine göz ýetirdik. Bu aýratyn hem wekilçilikli barlaglar babatda şeýle. Şol sebäpi hem şunuň ýaly ýagdaýlarda saýlap almagy özbaşdak geçirmek maksadalaýyk bolmaýar. Bu iş bilen şu ugurda işleýän hünärmenler meşgullanmaly. Eger bu şeýle bolýan bolsa,

saýlap almak barada şunuň ýaly jikme-jik gürrüň etmek nämä gerek? Bu saýlap almagyň sosiologik barlagyň esasydygyny bilmegiňiz üçin gerek. Eger saýlap alma işi nädogry geçirilen bolsa, gowy maksatnamaňyzyň, ajaýyp metodikalaryňyzyň bolmagyyna garamazdan, puluňyzy we wagtyňyzy biderek ýere sarp edip dogruçyl maglumatlary edinmän bilersiňiz. Saýlap almany amala aşyrmagyň usullaryny bilmegiňiz sosilogik gulluklara buýurjak işiňizi sowatly beýan edip we olaryň işiniň hiline baha berip bilmegiňiz üçin hem gerek.

Ýöne, elbetde, saýlap almanyň görnüşleri we ony amala aşyrmagyň usullary baradaky bilim redaksiýanyň işgärleriniň öz güýçleri bilen anyk bölekleýin barlagy geçirmekleri üçin hem hem zerur. Bu barlag wekilçilikli barlag bolmaga dalaş edip bilmese-de, size maglumat hökmünde zerur bolan haýsydyr bir habary ele salmagyňyza sebäp bolup biler.

## Sosiologik barlagyň tapgyrlary we alnyp barlyşy

Meseläniň deslapky öwrenilişi, barlagyň maksatnamasynyň taýýarlanmagy we şoňa laýyklykda, saýlap alma usullarynyň haýsysyndan peýalanyljakdygynyň kesgitlenilmegi – bu islendik sosiologik barlagyň ilkinji üç tapgyrydyr. Indiki ädim usulyýetleriň, barlag resminamalarynyň düzülmegi bilen baglanyşyklydyr.

## Barlagyň gurallaryny işläp taýýarlamak

Barlagyň gurallary – bu meýdan resminamalarydyr, ýagny „meýdanda” ýa-da meýdan barlagynda (sosiologlar geologiki adalganyň kömegi bilen, obýektde, meýdan şertlerinde, ýagny, sorag-jogap alşylýan ýa-da resminamalar kodlanýan, gözegçilik ýa-da synag edilýän pursatda alnyp barylýan işi aňladýarlar) ulanyljak usulyýetlerdir.

Sorag-jogap kagyzlary (anketalar), interwýu üçin sorag-jogap kagyzlary, kodifikatorlar (resminamalaryň kontent-derňewi üçin kategoriýalaryň we alamatlaryň sanawy), gözegçilik kartalary we şuňa meňzeşler meýdan resminamalary diýlip atlandyrylýar. Barlagyň gurallaryna inerwýu alýanlar, kodlaýjylar, meýdan barlagyna gatnaşýan beýleki adamlar üçin niýetlenen instruksiýalar, zerur bolan beýleki resminamalar degişlidir.

Usulyýetleriň, meýdan reçminamalarynyň işlenilip taýýarlanylmagy barlagyň maksatnamasynda kesgitlenilen maksatlaryna, wezipelerine, mazmunyna laýyklykda alnyp barylýar.

## Meýdan resminamalarynyň synalyp görülmegi

Indiki edilmeli iş meýdan resminamalarynyň nähili şekilde işleýändiklerini synap görmekdir. Munuň üçin obýektleriň (respondentler, tekstler we ş.m.) birnäçesi saýlanyp alynýar we, mysal üçin, anketanyň tekstiniň

nähili kabul edilýändigi barlanylýar. Bu tekst düşnüklimi? Doldurmak üçin çylşyrymlymy? Ony doldurmak näçe wagtyňy alýar? Ony gysgaltmak gerekmi? Käbir soraglar (aýratyn hem baha berijilik äheňli soraglar) gaşylygyň döremegine sebäp bolmaýarmy? Soraglaryň jogaplarynyň görnüşleri gowy edilip saýlanyp alnypdyrmy, jogap berjekler üçin möhüm bolup biljek haýsydyr bir garaýyş gözden salynmandyrmy? Bu çylşyrymlylyklary sorag beriljek kişiler bilen ara alyp maslahatlaşmaly we olaryň etjek tekliplerini diňlemeli.

## Meýdan resminamalaryny kämilleşdirmek we köpeltmek

Ýokardaky ýaly edilip synalyp görleninden soňra sorag-jogap kagyzy (anketa) edilen productleriň esasynda kämilleşdirilýär we köpeldilýär. Olary mydama meýilnamalaşdyrylanyndan 10-20% artyk edip

köpeltmeli, çünki, soraglara jogap berýänler olary ýitirip bilýärler.

## Barlaga gatnaşyjylara berilýän görkezme

Soňra meýdan şertlerinde barlag alyp barjak kişilere görkezmeler berilýär. Adatça dilden berilýän görkezmelerden başga ýazga geçirilen görkezmeler hem bolýar. Olar interwýu alýan kişiler üçin has hem jikme-jik edilip taýýarlanylýar. Bu görkezmelerde özüňi nähili alyp barmalydygy, soraglaryňa jogap bermäge nähili edip höwes döretmelidigi, ol ýa-da beýleki soraglary ýagdaýa görä nähili edip üýtgetmelidigi, interwýunyň gurluşyna nähili edip eýermelidigi düşündirilýär. Köplenç, interwýu alnanda, bir soragdan indiki soraga öňki soraga berlen jogapdan çen tutup geçmeli bolýar. Mysal üçin, sogag berilýän kişi  bir kitaby okamadyk bolsa, interwýuda-da bu kitap barada birnäçe sorag bermek meýilnamalaşdyrylan bolsa, onda şol kitap bilen bagly beýleki soraglaryň üstünden böküp geçmeli bolýar.

## Meýdan barlagy

Şondan soňra barlaga gatnaşyjylar barlag geçirmek maksady bilen dagaýarlar, ýagny, sorag-jogap alyşjak kişileriniň ýanyna ugraýarlar, gözegçilik nokadyna tarap gidýärler ýa-da zerur bolan beýleki işler bilen meşgullanýarlar.

Käte barlagyň geçiriljek ýerine barlanyndan soňra aragatnaşyk bölümini, kimler bilen sorag-jogap alşyljjakdygyny we şuňa meňzeşleri saýlamaly bolýar. Ýerlerde munuň bilen meşgullanýan ýörite bellenen adamlar bar hem bolsa, käte bu işleri interwýu alýanyň özi hem ýerine ýetirmeli bolýar.

Kimleriň ýanyna barjakdyklaryny anyklap, olaryň salgylaryny alan barlagçylar sorag-jogap alyşjak kişileriniň ýanyna ugraýarlar.

Sorag-jogap alyşmagyň esasy şerti bolan *gizlinlik* şerti doly berjaý edilmelidir. Adatça, soraglara jogap berýän kişiniň familiýasy we salgysy sorag bilen oňa ýüz tutýan kişä belli bolýan bolsa-da, aýtjak zadynyň barlagçylardan başga kişä mälim bolmajakdygyna, umumy tertipde gaýtadan işlenjekdigine ony ynandyrmalydyr.

Doldurylan anketany ony dolduran kişiniň ýanynda barlamak, jogaplaryň düşnüksiz ýerlerini anyklamak, jogapsyz galdyrylan soraglaryň jogabyny ýazmagy ondan haýyş etmek ýa-da onuň dilinden jogaplary özüň anketa girizmek örän möhümdir. Şol bir wagtyň özünde-de sosiologiýada sorag-jogap alyşmagyň esasy düzgünini, ýagny, beriljek jogaby hiç hili ýagdaýda salgy bermeli däldigini, jogap berýän kişiniň pikirini öz isleýän ugruňa tarap gönükdirmeli däldigini asla unutmaly däldir. Maglumat dogruçyl bolmalydyr we diňe jogap berýäniň öz pikirini şöhlelendirmelidir.

## Maglumaty kabul edip alma

Aslynda maglumat barlag işleriniň barşynda kabul edilip alynýar, ýöne soňra ýene bir gezek barlagyň ýolbaşçylary tarapyndan barlanýar. Diňe dogry hem-de dolulygyna doldurylan anketalar we şöňa meňzeş beýleki kagyzlar gaýtadan işlemäge alynýar. Galanlary bolsa ret edilýär.

## Maglumaty kodlama, maglumaty sanamaga taýýarlamak, maglumaty gaýtadan işlemek

Käte bu sanalan işleriň hemmesi bir wagtda edilýär. Eger anketa ýapyk soraglardan ybarat bolsa, ýagny, bir soragyň birnäçe jogaby görkezilen bolsa,

onda kodlamaga zerurlyk bolmaýar. Şeýle bolanda derrew maglumatlary sanamaga geçip bolar. Ýöne anketada açyk soraglar bar bolsa, ýagny, soraglara jogap beren adamyň özi boş goýlan setirlerde öz eli bilen jogabyny ýazan bolsa, onda bu maglumaty **kodlama** amalyny ulanmaly bolýar.

Ýöne ilki bilen „ýygylyk derňewi" diýlip atlandyrylýan işi amala aşyrmaly. Munuň üçin, anketalaryň hemmesinden, mysal üçin, 1000 sany anketadan her onunjysyny saýlap almaly, çünki, adatça ýygylyk derňewi 100 any resminamada geçirilýär. Belli bir soraga berlen jogaplaryň hemmesi göçürilip alynýar. Gaýtalanyp gelýän jogaplary birlikde sanaýarlar. Göçürmek işi tamamlananyndan soňra, beýleki jogaplar has iri many baglanyşyklaryna birleşdirilýär. Bu many baglanyşyklaryna **kod alamatlary** diýilýär.

## Alnan maglumatlaryň jemleri

Maglumatlar bir ýere jemlenenden soňra, biz ony derňemeli bolýarys. Netijelerden many çykarmak işi adatça derňewi geçiren kişi, derňewiň ýolbaşçysy tarapyndan amala aşyrylýar. Bu derňewi geçirýän adamyň sosiologiki derňewden başy çykmaly.

## Hasabat taýýarlamak

Derňewiň netijesinde adatça ýönekeý görnüşdäki ylmy hasabat taýýarlanyp, onda maksatnama, ulanylan saýlap alma usullary, sorag berlen adamlaryň umumy sany beýan edilýär. Derňew adatça maksatnamanyň bölümleri boýunça alnyp

barylýar we tablisalar bilen üpjün edilýär. Soňra netijeler çykarylýar we hususan hem barlag buýurma esasynda alnyo barlan bolsa, amaly häsiýetli maslahatlar berilýär.

Barlagyň netijeleri boýunça metbugatda çykyş ediljek bolsa, onda bu çykyş kabul etmek üçin amatly bolmaly, grafikler we diagrammalar bilen üpjün edilmeli we barlagyň kim tarapyndan, nirede, haçan, saýlap almagyň haýsy görnüşi boýunça we haýsy usul bilen geçirilendigi baradaky zerur maglumaty özünde saklamalydyr.

## Edebiýatlar:


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat, 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Tűrkmenistanda saglygy goraýşy ösdűrmegiň ylmy esaslary. – Aşgabat, 2007.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. – Aşgabat, 2007.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. – Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehaly. – Aşgabat, 2007.

7. Gurbanguly Berdimuhamedow – Halkyň saýlany we ynam bildireni. Aşgabat, 2007
8. Gurbanguly Berdimuhamedow. Täze galkynyş eýýamy: wakalaryň senenamasy. 2007 ýyl. – Aşgabat, 2008.
9. Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet adam űçindir. – Aşgabat, 2008
10. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahalteke bedewi – bizin buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2008.
11. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
12. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
13. Социология массовой коммуникации. В.В.Косянов 2009 г. Ростов- на –Дону

14. Маккуел Д. Теории массовой коммуникации. Казань. 2001 г.
15. K.M.Nakorýakowa., Redaktirowaniýe materialow massowoý informa-sii. MGU, 1983.
16. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
17. “Türkmenistany durmuş, ykdysady we medeni taýdan özgertmeleriň 2020-nji ýyla çenli Baş Ugry” Milli maksatnamasy. – Aşgabat, 2003.
18. Adam hukuklary baradaky halkara namalar/ Aşgabat, 2000.
19. Ворошилов Б.Б. Журналистика. Москва, 2009.
20. Ахмадулин Е.В. Краткий курс теории журналистики. Москва, 2006.
21. Богданов Н., Вяземский Б. Справочник журналиста. Л, 1971.

22. Лазутиеа Г.Б. Основы творческой деятиельни журналиста. М., 2000.
23. Учнова Б.Б. У истоков публицистики. М., 1989.
24. Кашиеская Л.В. Експеримент как метод журналисткой деятельности. // Вестник МГУ, СЕР, «Журналистика». 1986, №6.
25. Закон «О средствах массовый информации»//. Законодательство Российской Федерации о средствах массовой информации. М., 1996.
26. Прохоров Г.Н. Введение в теории журналистики. М., 1980.